TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– PAÝHASLY PEDERLERIMIZ TARAPYNDAN ASYRLARYŇ DOWAMYNDA KEMALA GETIRILIP, UMUMADAMZAT GYMMATLYGYNA ÖWRÜLEN BEHIŞDI BEDEWLERIMIZ ÝER ÝÜZÜNDÄKI TOHUM ATLARYŇ IŇ NAÝBAŞYLARYNYŇ BIRI HASAPLANÝAR.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

30-njy ýanwar, 2026. Belgisi 5/1675




# «GALKYNYŞ» MILLI AT ÜSTÜNDÄKI OÝUNLAR TOPARYNYŇ HALKARA ÜSTÜNLIGI

***Ýakynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwaly geçirildi. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň we Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň ýolbaşçylary oňa hormatly myhman hökmünde gatnaşyp, ýurdumyza wekilçilik etdiler. Halkara festiwalyň çäklerinde geçirilen dabaraly çärede «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalar gowşuryldy. Bu ajaýyp wakanyň hormatyna 28-nji ýanwarda Arkadag şäherinde dabaraly çäreler ýaýbaňlandyryldy.***

Dabara Gökdepe şaýoly bilen Akhan şaýolunyň çatrygynda ýerleşýän döwrebap köpriniň ýanynda başlandy. Dabara gatnaşyjylar ýokary ruhubelentlik we hakyky toý şatlygy bilen joşgunly ýaňlanýan aýdym-sazlara, tanslara goşuldylar. Ajaýyp wakanyň hormatyna guralan çäreler hakyky türkmen toýlaryna mynasyp derejede geçirildi. Oňa gatnaşyjylar şatlyk-şowhunly, aýdym-sazly çykyşlar bilen köprüden düşüp, Akhan şaýolunyň ugrunda saklandylar. Bu ýerde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary bedewlere atlanyp we paýtun arkaly hatar gurap geçip gitdiler.

«Galkynyşa» sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýen şygarynyň mazmunyny baýlaşdyrdy. Şoňa görä-de, toparyň agzalarynyň dabaraly, deň hatarly nyzam bilen geçip gitmekleri dabara gatnaşyjylaryň Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza, milli atşynaslarymyza, bedewleriň seýislerine, olara ussatlyk bilen erk edýän çapyksuwarlarymyza bolan buýsanjyny has-da artdyrdy.

Soňra dabara gatnaşyjylar «Taýçanak» binasyna tarap ugradylar. Olar ýolugra bu ýerde gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýan desgalary, türkmen halkynyň Milli Lideriniň öňdengörüjilikli zehininden kemala gelen Arkadag şäheriniň gözel keşbini synladylar. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary şäheriň Ahalteke atlary şaýolunyň ugry bilen «Akhan» binasyna, soňra bolsa Akhan we Aba Annaýew şaýollaryndan geçip, Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkine tarap ýola düşdüler. Atly ýörişe gatnaşyjylar sirkiň öňündäki meýdança gelenlerinde, şatlyk-şowhun has-da belende göterildi. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalaryny il sylagly ýaşulular, halypa atşynaslar garşyladylar hem-de gazanan nobatdaky üstünligi bilen gutladylar.

Soňra dabara gatnaşyjylar Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň eýwanynda guralan sergini synladylar. Sergide ahalteke bedewleriniň gözelligi şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserlerinde, haly önümlerinde, zergärçilikde, fotosuratlarda çeper beýan edilen döredijilik eserleri ýerleşdirilipdir. Bu gymmatlyklaryň hatarynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň 2025-nji ýylda Monako Kn ýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda mynasyp bolan Altyn baýragyna we beýleki ýörite baýraklaryna, şonuň ýaly-da, häzire çenli gazanan hemme beýleki sylaglaryna aýratyn orun berlipdir. Şeýle hem bu ýerde ganatly bedewlere «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplaryny bagyşlan Gahryman Arkadagymyzyň eserleri ýerleşdirilipdir.

Soňra Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň tomaşaçylar zalynda dabara geçirildi. Dabaranyň başynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň agzalary sahna çagyryldy. Monte-Karlo şäherinde geçirilen 48-nji halkara sirk sungaty festiwalynda gowşurylan halkara şahadatnamalar bolsa ýörite bellenilen ýerde ýerleşdirildi.

Dabaranyň dowamynda çykyş edenler ýakynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen halkara sirk sungaty festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy bilen türkmen halkynyň Milli Liderini we hormatly Prezidentimizi tüýs ýürekden gutladylar. Bu waka toparyň gazanan üstünlikleriniň dünýä derejesinde ykrar edilýändiginiň nobatdaky aýdyň nyşanydyr.

Bellenilişi ýaly, Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýen şygaryna mynasyp öwüşgin çaýýar. Hormatly Prezidentimiz türkmen halkyna Täze ýyl Gutlagynda hem 2026-njy ýylyň şygaryna ünsi çekip, türkmen halkynyň öz arzuwlaryny, belent maksatlaryny ahalteke bedewleri bilen baglanyşdyrýandygyny, ahalteke bedewleriniň biziň buýsanjymyzdygyny we şöhratymyzdygyny aýratyn nygtapdy.

Dabaranyň dowamynda Monte-Karlo halkara sirk sungaty festiwalynyň çeperçilik direktory we wise-prezidenti Urs Pilz sanly ulgam arkaly çykyş etdi. Ol «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň geçen ýyl halkara festiwalda örän gowy çykyş edip, sirk sungatynyň ösmegine ajaýyp goşant goşandygyny, şol çykyşyň taryhy waka bolandygyny nygtap, toparyň mynasyp bolan halkara şahadatnamalary bilen Gahryman Arkadagymyzy, hormatly Prezidentimizi we ähli türkmen halkyny tüýs ýürekden gutlady hem-de toparyň agzalaryna geljekde-de täze üstünlikleri arzuw etdi.

Ol toparyň gazanan üstünliginiň Türkmenistanda atçylyk sportunyň we sirk sungatynyň ösdürilmegine döwlet derejesinde uly ähmiýet berilmegi netijesinde mümkin bolýandygyny aýdyp, munuň üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. «Siziň toparyňyz, çapyksuwarlaryňyz we atlaryňyz, hakykatdan-da, ýokary derejeli, täsirli çykyşlary bilen festiwalymyzyň bezegine öwrüldi. Olaryň gazanan üstünliklerini, ýokary ussatlyklaryny hem-de ýurduňyzyň mertebesini nähili belent derejede görkezendiklerini hiç haçan ýadymyzdan çykarmarys. Siziň aramyzda bolmagyňyz biziň üçin uly mertebe boldy» diýip, Urs Pilz aýtdy.

Çykyşlarda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda dünýäni haýrana goýýan, türkmen halkynyň göz guwanjy, uçar ganaty bolan ahalteke bedewlerimize çäksiz hormat-sarpa goýulýandygy barada aýdylyp, täze taryhy döwürde Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň açylmagynyň, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň gazanýan halkara üstünlikleriniň türkmen atçylyk sungatynyň abraýyny has-da artdyrýandygy bellenildi.

Soňra sirkiň sahnasynda dabara mynasybetli «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Bu çykyşlar tomaşaçylara ýatdan çykmajak pursatlary bagyşlady. Ýerine ýetirilen çykyşlar ýurdumyzda atçylyk sportunyň üstünlikli ösdürilýändiginiň aýdyň beýany boldy.

Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.







## Hereketleriň Awaza maksatnamasy durmuşa geçirilýär

***27-nji ýanwarda Tähran şäherinde Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG) Hemişelik wekilleriniň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi geçirildi.***

Mejlisiň dowamynda «2024-2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynda» göz öňünde tutulan işleri durmuşa geçirmek boýunça meselä garaldy.

Hususan-da, bu meýilnamanyň 3-nji ileri tutulýan ugruny, ýagny «Üstaşyr, ulag we özara baglanyşyk» atly bölümini YHG-nyň sebitinde durmuşa geçirmek bilen bagly teklip bu Gurama tarapyndan öňe sürüldi. Agzalan teklip hem-de ony durmuşa geçirmek boýunça duşuşyklaryň guralmagy Geňeş tarapyndan goldanyldy.

Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, YHG-nyň ýanyndaky Hemişelik wekili Y.Gaýypow agzalan başlangyjyň goldanylandygy üçin YHG-nyň Sekretariatyna we agza ýurtlaryň wekillerine hoşallyk bildirdi hem-de onuň durmuşa geçirilmegi ugrunda taraplaryň işjeň gatnaşjakdyklaryna ynam bildirýändigini mälim etdi.



Mundan başga-da, «2024-2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasy we YHG sebiti» atly mowzuk boýunça BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde Gurama tarapyndan alnyp barlan işler hem-de geljekde meýilleşdirilýän hereketler beýan edildi.

Ozal türkmen tarapynyň teklibi boýunça Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň «Üstaşyr, ulag we özara baglanyşyk» atly 3-nji ileri tutulýan ugry öňümizdäki döwürde kabul ediljek YHG-nyň «Ykdysady hyzmatdaşlygyň strategik maksatlary – 2035» resminamasynyň taslamasyna girizildi.

Şeýle hem Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň resmi internet sahypasynda «AWAZA Programme of Action 2024-2034 and the ECO Region» atly bölüm döredildi.

## Ýylyň şygary – köňülleriň buýsanjy

***Şu günler ýurdumyzyň edara-kärhanalarynda, orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy mynasybetli hem-de ýylyň şygarynyň ähmiýetini wagyz etmek maksady bilen çäreler geçirilýär.***

Ýurdumyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak boýunça asylly däbi dowam etdirmek bilen, Türkmenistanyň Mejlisiniň Kararyna laýyklykda, hormatly Prezidentimiz 2026-njy ýylyň şygaryny yglan etdi. Täze ýylymyz «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyryldy hem-de onuň nyşany kabul edildi. Täze ýylyň şygary ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň mizemezligini, hemişelik Bitaraplygyň halkara derejede ykrar edilendigini, türkmen halkynyň belent maksatlaryny we ösüş ýolundaky ynamyny özünde jemleýär. Şygarda türkmen bedewi halkymyzyň milli buýsanjynyň, gaýratynyň we ösüşe okgunlylygynyň nyşany hökmünde şöhlelendirilýär.



Häzirki wagtda durmuşa geçirilýän özgertmeler, gazanylýan ösüşler ýurdumyzy täze üstünliklere atarýar. Ýurdumyzda atçylyk sportuny ösdürmek, arassa ganly ahalteke bedewleriniň baş sanyny artdyrmak, olaryň dünýädäki şöhratyny has-da belende götermek bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýar.

«Häzirki döwürde dürli ýurtlarda ahalteke bedewlerini saklaýan we ösdürip ýetişdirýän jemgyýetleriň, merkezleriň sany az däl. Ýöne iň arassa ganly bedewler ahalteke atlarynyň asyl mekany bolan türkmen topragynda bar» diýip belleýän Gahryman Arkadagymyz ahalteke bedewlerine aýratyn gadyr goýmak bilen, bedewlerimiziň şan-şöhratyny tutuş dünýä äşgär etdi.

Türkmenistanda milli atçylyk sungatyny gorap saklamak, onuň gözbaşy müňýyllyklaryň jümmüşine uzap gidýän baý däplerini dowam etdirmek, gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bu ulgamda netijeli gatnaşyklary giňeltmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. ■ 2














# ARKADAG ŞÄHERI — MILLI BINAGÄRLIGIŇ MERJENI

**27-nji ýanwarda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň çäklerinde gurulýan dürli maksatly binalar, aýratyn-da, döwrebaplaşdyrylan şaýol, köprüler, ýol-ulag düzümine degişli desgalar bilen tanyşdy we degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.**

Milli Liderimiz ir bilen Gökdepe şaýoly bilen Akhan şaýolunyň çatrygynda ýerleşýän döwrebap köprini synlady. Häzirki döwürde Arkadag şäheriniň çäklerinde ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň gurluşygyna, olaryň oňaýlylyk, uzak möhletleýinlik derejesine möhüm ähmiýet berilýär. Desgalaryň bezeg işlerine, olaryň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylmagyna hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilýär.

Gahryman Arkadagymyz bu köpriniň «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda bina edilýändigini belläp, halkymyzyň köpri gurmagy, ýol çekmegi, bina galdyrmagy sogap iş hasaplaýandygyny aýtdy. Halk Maslahatynyň Başlygy köpriniň germewleri, olaryň berkligi bilen gyzyklanyp, germewleriň hiline, gurluşyna birnäçe belliklerini aýtdy we ony talabalaýyk derejede düzetmegi maslahat berdi. Ýol-ulag düzümine degişli desgalar merkezi şaýollaryň ugrunda bina edilende, olaryň üstünden ýük awtoulaglarynyň geçip bilmegi bilen bagly meseleler göz öňünde tutulmalydyr.

Milli Liderimiz köpriniň ýanaşyk ýerleriniň göwnejaý abadanlaşdyrylmagyna, bu ýerlerde gök zolaklaryň döredilmegine häzirki zaman talaplaryna laýyklykda çemeleşilmelidigine ünsi çekdi. Köpriniň üstünden Arkadag şäheriniň nurana binalarynyň seleňläp görünýändigini nazara alanyňda, şäher bilen ýoluň özara arabaglanyşygynda bezeg aýratynlyklaryna aýratyn ähmiýet berilmelidir. Hormatly Arkadagymyz bu işleriň talabalaýyk alnyp barylmalydygyny aýdyp, Arkadag şäheriniň merkezine tarap ýola düşdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ýolugra şäheriň ikinji tapgyrynda gurluşygy batly depginde dowam edýän durmuş maksatly binalaryň ýanynda saklandy. Nobatdaky tapgyrda önümçilik we durmuş maksatly binalaryň gurluşygyna möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi täze iş orunlarynyň döredilmegini, ilatyň ýokary derejeli ýaşaýyş şertleriniň üpjün edilmegini şertlendirýär. Gahryman Arkadagymyz durmuş maksatly binalaryň, aýratyn-da, bilim edaralarynyň, saglyk merkezleriniň häzirki zaman talaplaryna laýyklykda enjamlaşdyrylmagynyň ähmiýetine ünsi çekip, şunda täzeçil tehnologiýalaryň, sanly ulgamyň işjeň ulanylmalydygyny belledi we bu babatda maslahatlaryny berdi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowyň we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowanyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda Arkadag şäherini ösdürmegiň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işler, dürli maksatly binalaryň gurluşyklarynyň depginini ýokarlandyrmak, olara sanly ulgamy ornaşdyrmak bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

D.Orazow, ilki bilen, hormatly Prezidentimizi hem-de Gahryman Arkadagymyzy ýurdumyzda giňden bellenilýän Watan goragçylarynyň güni bilen tüýs ýürekden gutlady. Soňra ol häzirki döwürde Arkadag şäheriniň çäklerinde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, aýratyn-da, Ahalteke atlary şaýolunyň gurluşygynyň depgini, ýoluň ugrunda oturdylmagy meýilleşdirilýän bedew heýkelleriniň görnüşleri, olaryň ýerleşdiriliş aýratynlyklary barada giňişleýin maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamalaryna laýyklykda, Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalaryň jemi 220-den gowragy gurulýar. Şunda umumybilim berýän mekdepleriň, çagalar baglarynyň, 5, 7 we 9 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyna ähmiýet berilýär. Binalarda häzirki zaman şertleri, ýaşaýyş jaýlarynda bolsa ýokary derejeli ýaşaýyşy, dynç alşy üpjün edýän mümkinçilikler döredilýär. D.Orazow medeni-durmuş maksatly binalaryň gurluşyklarynyň hem batly depginde alnyp barylýandygyny aýdyp, döwlet tarapyndan yzygiderli goldawyň berilýändigi, ýaşaýyş jaýlarynda ýokary derejeli amatlyklaryň üpjün edilýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza şäher ilatynyň adyndan hoşallyk bildirdi.

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda ýerine ýetirilýän işleriň häzirki zaman talaplaryna, ýokary halkara görkezijilere kybap gelmelidigine ünsi çekip, şunda dünýäniň ösen tejribesiniň, ylmyň soňky gazananlarynyň netijeli ulanylmagynyň möhüm talap hökmünde kesgitlenendigini aýtdy. Iş maslahatynyň dowamynda Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa häzirki döwürde bu ýerde öňde boljak şanly seneleri mynasyp derejede dabaralandyrmak, olary guramaçylykly geçirmek boýunça ýaýbaňlandyrylan taýýarlyk işleri barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, Arkadag şäherinde ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly seneleri mynasyp dabaralandyrmak bilen bir hatarda, adamlary täze jaýlara göçürip getirmek boýunça işler hem guramaçylykly alnyp barylýar. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde amatly ýaşaýyş, göwnejaý dynç alyş we täze iş orunlaryny döretmek bilen bagly meseleleriň döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýandygyny aýtdy.

Milli Liderimiz soňky wagtda häkimlik tarapyndan alnyp barylýan işlerde haýal-ýagallyga ýol berilýändigine we işleriň guralyşynyň talabalaýyk däldigine nägilelik bildirip, bu ugurdaky işleriň häzirki zaman talabyna laýyk derejede guralmalydygyny, şäheriň abadançylyk we arassaçylyk derejesiniň yzygiderli üns merkezinde saklanmalydygyny, ähli işlere gözegçiligiň has-da güýçlendirilmelidigini aýratyn nygtady. Halk Maslahatynyň Başlygy täze şäheriň çäklerinde guralýan baýramçylyk dabaralarynyň, şanly seneleriň ýokary derejede geçirilmegi, oňa şäher ilatynyň, aýratyn-da, ýaşlaryň işjeň gatnaşmagy ugrunda zerur tagallalaryň edilmelidigini belläp, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň dowamynda ägirt uly işleriň bitirilmelidigini aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz iş maslahatyny jemläp, şäheriň çäklerinde alnyp barylýan işleri synlady we meýilleşdirilen gurluşyk işleriniň depgininiň şu ýylyň şygaryna kybap derejede amala aşyrylmalydygyny nygtady. Binalaryň gurluşyklarynda ýokary hil derejesi üpjün edilmelidir we olar öz wagtynda ulanmaga taýýar edilmelidir. Türkmen halkynyň Milli Lideri öňde goýlan wezipeleri abraý bilen ýerine ýetirmekde hemmelere üstünlik arzuw etdi we bu ýerden ugrady.

## Türgenler taryhyň yzlaryny tapdylar

Italiýada Adriatik deňziniň kenaryndaky Konero dagyna dyrmaşýan türgenler pyşbagalaryň aýak yzlarynyň üstünden bardylar. Daga dyrmaşyjylar täsin çukurjyklary görenlerinde, bu ýagdaýy geologlara habar berdiler. Geçirilen barlaglaryň netijesinde, bu yzlaryň 80 million ýyl töweregi ozal deňiz pyşbagalarynyň aýak yzlarydygy anyklandy.



Alymlar şol döwürde güýçli ýertitremäniň bolandygyny, ýüzlerçe deňiz pyşbagasynyň deňziň aşagyndan ýokarlygyna tarap ýöräp başlandygyny anykladylar. Adatça, deňizde emele gelýän aýak yzy gysga wagtdan suwuň akymy bilen ýitip gidýär. Emma ýertitremäniň yzýany çogup çykan suwasty läbik täze aýak yzlaryň üstüni örtüpdir. Şeýlelikde, olaryň millionlarça ýyl saklanyp galmagyna sebäp bolupdyr.

**Rüstem MÄMMEDOW,**
***Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň başlygy.***

## Global syýahat 4 göterim ösdi

2025-nji ýylda bütin dünýäde başga ýurtlara syýahat edenleriň sany 4 göterim artyp, 1,52 milliarda ýetipdir. Bu görkeziji 2024-nji ýyldakydan 60 million köp. Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň taýýarlan «Dünýä syýahatçylyk barometri» atly maglumatnamada howa gatnawlarynyň artmagynyň we wiza düzgünleriniň ýeňilleşdirilmeginiň syýahatçylygyň ösüşine täsir edendigi bellenilýär. Geçen ýyl diňe syýahatçylaryň sany däl, eýsem, olaryň sarp eden pul möçberi hem artypdyr.



Deslapky maglumatlara görä, global syýahatçylygyň girdejisi 1,9 trillion amerikan dollaryna ýetipdir. Bu görkeziji ozalky ýyldakydan 5 göterim ýokarydyr. Ýewropa 793 million halkara syýahatçyny kabul edipdir. Afrika ýurtlaryna 81 million myhman baryp, pudak 8 göterim ösüpdir. Ýakyn Gündogar ýurtlaryndaky ösüş geçen ýyl 3 göterim artan bolsa, 2029-njy ýyldaky bilen deňeşdirilende, 39 göterim ösüş hasaba alnypdyr. Aziýa-Ýuwaş umman sebitine 331 million myhman baryp, 6 göterim ösüş gazanylypdyr.

**Läle GELDIÝEWA,**
***Sarahs etrabyndaky 9-njy çagalar bakja-bagynyň usulyýetçisi.***



## Ýylyň şygary – köňülleriň buýsanjy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýakynda Monte-Karlo şäherinde geçirilen halkara sirk sungaty festiwalyna Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň wekilleri gatnaşdy. Halkara festiwalda bu topara sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýen şygarynyň mazmunyny baýlaşdyryp, oňa ajaýyp öwüşgin çaýdy.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplary ýurdumyzyň jemgyýetçiliginiň ähli gatlaklary üçin watansöýüjiligiň nusgasy bolup durýar. Gahryman Arkadagymyz «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «At-da wepa-da bar, sapa-da» atly kitaplarynda ýelden ýüwrük bedewler barada söhbet açylýar. Bu kitaplaryň ýaşlaryň arasynda has içgin öwrenilmegi üçin tagalla edilýär.

**Dürnabat BAÝLAKOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Aman Kekilow adyndaky kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

## Çaga terbiýesi – jemgyýetiň geljeginiň berk binýady

Çaga terbiýesi jemgyýetiň ösüşiniň, döwletiň durnuklylygynyň we halkyň ruhy-ahlak gymmatlyklarynyň dowamlylygynyň iň möhüm binýady bolup durýar. Ýaş nesliň sagdyn, bilimli, watansöýüji hem-de jemgyýetçilik taýdan işjeň bolup ýetişmegi maşgala terbiýesine, mekdebe çenli bilim edaralaryna we bilim ulgamynyň beýleki basgançaklaryna berk baglydyr.

Maşgala çaga terbiýesiniň ilkinji mekdebidir. Ene-atanyň özara gatnaşyklary, çaga bilen gepleşigi, ahlak gymmatlyklaryna bolan garaýşy çaganyň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginde möhüm orun eýeleýär. Maşgalada döredilýän mähirli, ygtybarly, adalatly psihologik gurşaw çaganyň özüne bolan ynamyny artdyrýar, jemgyýetde öz ornuny tapmagyna ýol açýar.

Ene-atanyň borjy diňe bir çaganyň maddy zerurlyklaryny üpjün etmek bilen çäklenmän, onuň ruhy ösüşine, ahlak taýdan kämilleşmegine, jemgyýetçilik gymmatlyklaryny özleşdirmegine şert döretmekden hem ybaratdyr.

Mekdebe çenli bilim edaralary çaganyň jemgyýetçilik durmuşyna ilkinji ädimidir. Bu ýerde



çagalar topar bilen ýaşamagy, hyzmatdaşlygy, özara hormaty, düzgün-tertibi öwrenýärler. Şeýle edaralarda alnyp barylýan terbiýeçilik we bilim çäreleri çaganyň intellektual, emosional we jemgyýetçilik taýdan ösüşini üpjün edýär.

Mekdebe çenli döwürde berilýän bilim we terbiýe çaganyň soňra okuw üstünlikleriniň binýadyny düzýär. Şonuň üçin hem bu döwürde alnyp barylýan işleriň ylmy esasda, häzirki zaman pedagogik usullara laýyklykda guralmagy aýratyn ähmiýete eýedir.

Çaga terbiýesi diňe bir maşgala ýa-da bilim edaralarynyň däl, eýsem, tutuş jemgyýetiň we döwletiň umumy jogapkärçiligidir. Döwlet tarapyndan döredilýän bilim syýasaty, jemgyýetçilik guramalarynyň alyp barýan işleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wagyz-nesihat işi ýaş nesliň terbiýesine oňyn täsir edýär.

Ýurdumyzda kabul edilýän maksatnamalar, ösüş strategiýalary we bilim özgertmeleri ýaş nesliň dünýä ölçeglerine laýyk bilim-terbiýe almagyna gönükdirilendir.

Maşgala, bilim edaralary, jemgyýetçilik guramalary we döwlet edaralary bilelikde hereket eden ýagdaýynda, sagdyn, bilimli, watansöýüji, ýokary ahlakly nesli kemala getirmek mümkin bolar.

Şonuň üçin hem her bir adam, her bir ene-ata, her bir mugallym çaga terbiýesine döwlet ähmiýetli mesele hökmünde garap, bu ugurda öz jogapkärçiligini doly ýerine ýetirmelidir.

**Gülälek ZAHYROWA,**
*Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabyndaky 23-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.*

## Tehnologiýa kompaniýalarynyň girdejileri

Sanly ulgamyň ösmegi dünýäde bu ugurda iş alyp barýan kompaniýalaryň hem girdejilerini artdyrýar. «Microsoft», «Meta» we IBM ýaly iri kompaniýalar geçen ýylyň soňky çärýegine degişli girdejileri barada maglumat ýaýratdy.

Programma üpjünçiligi bilen meşgullanýan «Microsoft»-yň girdejisi agzalýan döwürde 17 göterim artyp, 81,3 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Kompaniýanyň arassa peýdasy 60 göterim artyp, 38,5 milliard dollara ýetipdir. Brendiň her bir paýnamasy 3,23 dollardan 5,16 dollara çykypdyr.




«Facebook», «Instagram» we «WhatsApp» platformalaryna eýeçilik edýän «Meta» geçen ýylyň soňky çärýeginde girdejisini 24 göterim artdyryp, 59,9 milliard dollara, arassa peýdasyny 9 göterim ýokarlandyryp, 22,8 milliard dollara ýetiripdir. 2024-nji ýylyň ahyrynda 8,02 dollar bolan paýnamalary bolsa, 8,88 dollara çykypdyr.

Kompýuter tehnologiýasyny öndürmekde öňdebaryjy kompaniýalaryň biri bolan IBM-iň girdejisi 12 göterim ösüp, 19,7 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Kompaniýanyň arassa peýdasy 91 göterim artyp, 5,6 milliard dollar bolupdyr.

**Hangeldi PIRIÝEW,**
***Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.***

## Buz geljek üçin saklanar

Antarktidada «Buz ýady gaçybatalgasy» atly täsin merkez guruldy. Deňiz derejesinden 3 müň 200 metr belentlikde gurlan ýerasty gowaga Ýewropadan buz bölekleri getirilip goýuldy. Alymlar global maýylganlyk sebäpli ereýän bu bölekleriň nusgalaryny geljek nesiller üçin iň ygtybarly ýer hasaplanýan Antarktidada goýmagy makul hasaplapdyrlar. Bu ýere Fransiýadaky Mont Blank dagyndaky hem-de Şweýsariýadaky Alp daglarynyň eteklerindäki Grand Kombin buzlugyndan çykarylan, her biri 1,7 tonna bolan nusgalar getirildi. Buz bölekleri, ilki bilen, Italiýanyň Trieste portuna, soňra bolsa, 50 günde günorta polýusa eltildi. Buz bölekleri Konkordiýa fransuz-italýan stansiýasynda 10 metr çemesi çuňlukda gazylan, uzynlygy 35 metre ýetýän gowakda ýerleşdirildi.



Bu ýerde howanyň temperaturasy tebigy ýagdaýda 52 derejede saklanýar. Buz bölekleri müňlerçe ýyl ozalky howanyň ýagdaýyny bilmek üçin gymmatly maglumatlary özünde saklaýar. Buz gatlaklarynyň arasyndaky tozan bölejikleri, howa we beýleki zatlar irki döwürde howanyň nähili bolandygyny bilmäge ýardam edýär. Taslamanyň çäklerinde geljek ýyllarda And daglaryndan, Gimalaý daglaryndan we Täjigistandaky beýik dag gerişlerinden buz bölekleri getiriler.

**Islam ABDLNEBIÝEW,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň mugallymy.*

## Energiýa öwrülişine has köp maýa goýuldy

«BloombergNEF» (BNEF) platformasynyň taýýarlan maglumatynda geçen ýyl energiýanyň has arassa görnüşlerine geçmek üçin rekord derejede maýa goýum gönükdirilendigi bellenilýär. 2025-nji ýylda dünýäde jemi 2,3 trillion amerikan dollaryna barabar bolan maliýe serişdesi bu ugra gönükdirilipdir. Bu görkezijiniň ozalky ýyldakydan 8 göterim köpdügi, arassa energiýa çeşmelerine bolan islegiň barha artýandygy bellenildi. Maglumatda bu görkezijiniň gazylyp alynýan energiýa serişdelerine goýberilen puldan has köpdügi bellenildi.



Elektroulaglar, zarýad infrastrukturasy we degişli tehnologiýalar üçin goýberilen maýa goýumyň möçberi 893 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Gaýtadan dikeldilýän energiýa üçin 690 milliard dollar möçberinde maýa goýum özleşdirilipdir. Elektrik geçirijileri üçin goýberilen serişde 483 milliard amerikan dollaryna ýetipdir.

Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde energiýany döwrebaplaşdyrmaga has köp maýa goýlupdyr. Diňe Hytaý bu ugra 800 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýum goýupdyr. Maýa goýumyň möçberi Ýewropa Bileleşiginde 18%, ABŞ-da 3,5% we Hindistanda 15% artypdyr.

**Merjen SAPAROWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 30-y, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118011
Belgisi: 5/1675
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Owazlar äleminiň bilbili

Tañrygulynyň ýüreginden syzdyryp, owazyny gaýnadyp, joşup aýdýan aýdymlary söbügini basyp gelýän birnäçe ýaşlaryň hem aýdym-saz sungatyna baş goşmagyna sebäp boldy. Bagşynyň kakasy Gurbanguly aga hem aýdyma hiňlenensoň, agasy Myratdyr inisi Bäşim hem aýdym-sazyň muşdagy bolansoň, olaryň maşgalasy özboluşly sungat öýüne çalymdaşdy. Tañryguly bagşynyň agasy Myrat dutarda aýdym aýtsa, inisi Bäşim gitarada ajaýyp sazlary ýerine ýetirerdi. 1974-nji ýylda geljekki sazandalar Aşyrgeldi Çaryýew, Hojamuhammet Öwezgylyjow, Çaryguly Allaberdiýew, Orazguly Suwhanberdiýew, Nurmyrat Gödekow dagy akkordeonda, gitarada, deprekde saz çalyp, aýdyma hiňlenip, sungat ummanyna aralaşyp başlaýarlar. Olary şol ugra iteren hem il içinde adygyp ugran Tañryguly bagşynyň aýdymlarydy. «Biz hem sazanda bolup, Tañryguly bagşynyň ýanynda saz çalsadyk» diýen ýürek arzuwlarydy.

Tañryguly baradaky ýatlamalar bagşynyň dosty Allaberdi Baýramowyň hemişe kalbynda. Ýakymly ýatlamalar ynsan ömrüne ömür goşýar...

Has irräk – heniz 7-nji synp döwürlerinde aýdym-saz mugallymy Ha:ma:t Garaýew Tañrygula şeýle teklip edýär:

– Tañryguly, sen biziň medeniýet öýümize gel, gatnaş! Sende aýdym-saza bolan ukyp bar, zehiniň bar, owadan labzyň, şirin sesiň bar.

Ha:ma:t aganyň özüniň hem juda ýakymly sesi, labzy bardy.

Tañryguly mugallymynyň teklibini göwnühoş kabul etdi. Medeniýet öýüne gatnap başlady, aýdym aýtdy. Mugallym Orazguly Porsyýew hem akkordeonda sazyny çalardy.

Bir gezek oba zähmetkeşleri üçin ýörite dynç alyş konserti guraldy. Şol gün obanyň medeniýet öýi köp adamlydy. Ine-de, sahnada konserti alypbaryjy Ha:ma:t mugallym peýda boldy-da, oturanlara ýüzlendi:

– Mähriban obadaşlar, indi bolsa siziň üçin Tañryguly Gurbangulyýew aýdym aýdýar.

Ol şeýle bir aýdym aýtdy, ýaşajyk Tañrygulynyň şol döwürdäki sesi has başgaça-dy.

Tañrygulyda artistlik ukyby hem bardy. Medeniýet öýünde Baýram Hümmet dagy her dürli sahnalar görkezýärdiler. Şonda Baýram aga Tañryguly bilen bilelikde Kerim Gurbannepesowyň eseri esasynda «Ata we ogul» diýen sahna oýnuny ýerine ýetirdiler. Üstünden elli ýyldan gowrak wagt geçse-de, şol günki täsir häzir hem tomaşaçylaryň kalbyndan çykanok.

Toý bir gowy zat. Toý ýerinde bagşy-sazandalary hezzetläp-hormatlap garşylaýarlar. Bir toýda Tañrygulyny diňlemek üçin adam bary üýşüpdi. Çar ýany ýaňlandyrap, bilbile öwrülen bagşa märekäniň sagbolsunlarynyň yzy üzülenokdy. Şonda bir oglan geldi-de, Tañrygula ýüzlendi:

– Agam, Tañňy, «Bossanym» diýen aýdymy aýtsana!

Bagşy şol aýdymy ýerine ýetirdi. Bir görseler, ýanlarynda, toý sahnasynda oturan ýaňky oglan azajyk bozuljak bolan ýaly, örän gussaly.

– Inim, näme boldy? Ýa aýdym ýaramadymy?

– Ýok, ýok, agam, aýdymy gowy ýerine ýetirdiňiz. Men saňa ýöne şuny aýdaýyn diýdim: şol aýdymyň goşgusy – meniň öz goşgym. Ony saňa başga birinden men berdirdim. Babadaýhanyň «Türkmenistan» obasynda toýda aýdyp durkaň, şol goşguly kagyzy men saňa geçirtdim. «Bossan» diýilýän şol gyz – meniň halan gyzym. Ýöne onuň bilen bagtly bolmak ykbalymda ýok eken.

Ýigidiň gürrüňini diňläp oturanlaryň ählisi gynandy. Tañryguly uludan demini aldy-da, oňa ýüzlendi:

– Inim, sen indi bu aýdymy täzeden ýene bir diňle!

Bagşy şol aýdymy täzeden şeýle bir zarynlap aýtdy welin, biparh diňläp oturmak mümkin däldi. Toýa gelen märeke sahna seredip, ýöne aňk bolup, haýran galyp durdy. Owaz öz serhedinden geçip, göni ýüreklere ornapdy, duýgulara urlupdy, aňlara, kalplara giripdi, zeminde aýlanyp-dolanyp, asman giňişliklerine göterilipdi. Ol aýdym çyn söýginiň hasraty bolup ýaňlanýardy.

*Aýdym-saz sungaty nesilleriň kalbynda watançylyk, gahrymançylyk duýgularyny kemala getirýär, eziz Watana, mukaddes ene topraga, uç-gyraksyz sähralara, ulgam-ulgam çägeli düzlüklere, oba-şäherlere, ile-güne söýgi döredýär. Haçan-da aýdym-sazyň owazy ýaňlananda, ynsan ogly bagtyýar halda kalbyny maýyl eýleýän şirin owazlara bendi bolup, dünýe-älemi unudýar. Aşyk-magşuklar päk söýgülerini, ýürek duýgularyny, pynhan syrlaryny, bir-birege bolan mähir-muhabbetini aýdym-sazyň üsti bilen beýan eýleýär. Gelin-gyzlarymyzyň görk-görmegini, husny-jemalyny, näzli-näzli garaýşyny, uz basyp, seýkin ýöreýşini, şamar saçlaryny, galam gaşlaryny, ok dek kirpiklerini wasp edýän şirin-şeker aýdymlar kalplara şatlyk eçilýär. Ussatlaryň döreden aýdym-sazlaryny diňläniňde, özüňi şeýle bir erkin, şeýle bir bagtly duýýarsyň. Göz öňüňde ömrüň iň süýji pursatlary düýş kibi gaýmalaýar, hyýallaryň geljegiň arzuwlar ummanynda küreksiz-ýelkensiz ýüzýär. Zehinli estrada bagşysy Tañryguly Gurbangulyýew hem şeýle ussatlaryň biridi. Tañryguly bagşy baradaky ýakymly ýatlamalar onuň halkyň ýüreginde öçmejek orun alandygyndan habar berýär.*

Aýdym tamamlanansoň, ol oglan gitdi. Birsalymdan ýene dolanyp geldi. Onuň ellerinde tutawaçlyja mata torbajyk bardy. Howa salkynrakdy. Şol wagt Tañryguly bagşy alaja jemperlidi. Oglan bagşa ýüzlendi:

– Agam, ýaňky meň aýdymymy gaty gowy aýtdyň!

Şeý diýip ýylgyryp durşuna, elini torbasyna ýetirdi. Tañryguly onuň bir zatlar bermek isleýändigine düşünip, gaýra çekildi:

– Dur-how, näme bu, aýyr, zat gerek däl maňa!

– Agam, şu toýda, şu märekäniň öňünde şuny seň boýnuňa dakjak!

Ol oglan şeý diýdi-de, bagşynyň «ýoguna» garamazdan, akja boýunýaglygy – şarfy onuň boýnuna dakdy:

– Goý, bu menden saňa ömürbaky sowgat bolsun!

– Bolýar, inim, ömrüň uzak bolsun! Tañryýalkasyn! Toýuňda gaýtsyn!

Bagşy boýunbagy boýnuna aýlady-da, bir tarapyny hem egniniň öň tarapyndan aşaklygyna sallap goýdy. Ol bagşa şeýle bir gowy gelişdi.






Soň Tañryguly «Bossanym» diýen aýdymy ýene täzeden ýerine ýetirdi. Bagşy ýaňky boýunýaglygy ençeme ýyldan soň hem dakynar ýörerdi...

Allaberdi Baýramow obada topar ýolbaşçy bolup işleýän, Doluhanyň Esen Mellek diýen ýerinde gowaça ekýän döwürleri oba gelende, dosty Tañryguly duşdy:

– Allaberdi dost, meniňem-ä sazandalam Aşyrgeldi bilen Çarygulyny alyp, seniň ýanyňa gezmäge, dynç almaga gidesim gelýär. Ekin meýdanlaryna aýlanyp görsek, otlap ýören dowarlary synlasak, daýhanlara aýdym-saz edip bersek...

– Ajap bolardy, islän wagtyň baryber, Tañňy jan, size garaşarys!

Şol ýyl 1986-njy ýyldy. Şeýlelikde, Doluhanda, Çilide ýerleşýän pagtaçylyk bölümlerine medeni hyzmat guraldy. Amanşagapan oba medeniýet öýüniň başlygy Aşyrgeldidir ýoldaşy Çaryguly, bagşylar Tañrygulydyr Gündogdy, Orazmyrat dagy aýdym-saz edip berdiler. Daýhanlar halk aýdym-sazlaryny hezil edip diňlediler.

Şol döwürler ýaz möwsümi bolansoň, Tañryguly bagşy gawun ekilişi bilen gaty gyzyklandy:

– Bäh, nädip ekýäňiz-aý?! Menem äkidiňsene şol ekin ýere, hem gawun ekilişini göreýin, hemem ýadygärlik bolar ýaly özümem gawun ekip göreýin!

– Aý, höwes bilen äkideris,Tañňy kaka, ekjegiň gawun bolsun!

Tañryguly bagşy şeýdip, şüdügär meýdanda maýdalyna barýan traktoryň azalynda durup, gawun ekip başlady. Bu gyzykly işe derrew ökdeledi. Gyş gawundyr waharmanyň halta-halta çigidini ekdi, topraga tohum sepdi. Şol ekilen gawunlar şeýle bir süýji boldy, şeýle bir tagamly, bereketli-hasylly boldy, ýygnap ýetişseň, zor boldugyň. Şol gezekki hasyl «Tañňy bagşyň eken gawunlary» adynam aldy.

Olar ýazky owlak-guzy möwsüminde ýa-da gyrkym döwürlerinde çopanlaryň goşunda hem bolup aýdym-saz etdiler, maldarlara hezil berdiler.

Tañryguly bagşynyň aýdym-saz gory gaty baýdy, özboluşly labzy, şirin owazy bardy. Ol şu gün bir köçede aýdym aýtsa, ertesi gapdalyndaky köçede tutulýan toýa geçirerdiler, ol toý sowlansaň, beýleki köçä geçirerdiler. Üç-dört günläp şol bir obanyň içinde aýdym aýtsa-da, halk egsilmezdi, diňleýjisi ýetikdi. Sebäbi bagşynyň aýdymlaryndan doýma ýokdy, oňa hemmeler teşnedi. Ony hiç kimiňkä meňzemeýän owazy bilen tanaýardylar.

Ýurdumyzyň ähli ýerinde, ähli welaýatlaryndada ony gowy görýärdiler. Balkan welaýatynda bolsa has-da hormatlardylar, Gyzylarbada hem köp çagyrardylar. Bir gezek toýa baranlarynda Atabaý Çarygulyew (Türkmenistanyň halk artisti) hem bardy. Ol Tañrygulyny tananokdy. Tañryguly aýdym aýdyp durdy. Atabaý bagşy heniz toý sahnasyndan bärräkde oňa syn edip durdy. Şol barmana Tañryguly Atabaýyň bir aýdymyny ýerine ýetirdi welin, Atabaý bagşy göni sahna baranyny duýman galdy. Ol buýralanyp duran gür gara saçly, bokurdak jemperli, deri penjekli, syratly ýigit Tañrygulyny ýagşy synlady-da oňa ýüzlendi:

– Tañňy bagşymy sen?

– Hawa.

– Ýaňky aýdymy nädäýdiň-aý?

– Näme, oňarmadymmy?

– Oňarmarsyňmy, sen menden gowy aýtdyň-a ony. Asyl seniň beýle sesiň, beýle aýdyşyň bar eken-ow!

Atabaý bagşy şonda Tañrygula juda uly baha beripdi.

1990-njy ýylda Amanşagapan obasynda iki toý bir günde tutuldy. Bir toýda bagşy Kakyş Nazarow aýdym aýdýardy. Ol ýanyndakylardan sorady:

– Näme, bu gün obaňyzda iki toý barmy?

– Hawa, iki toý bar.

– Ol toýda kim aýdýar?

– Tañňy bagşy aýdýar.

– Bä, şeý diýsene, onda toýuň arasynda maý tapyp, baryp, halypa bilen salamlaşyp gaýdyp bolmazmyka?

– Bolar, näme bolman?!

Toý gowy gyzyşansoň, Kakyş Nazar sazandasyna ýüzlendi:

– Sen sazy uzagrak çalaweri, ýaşlar tans etsinler, biz oňa çenli halypa bilen salamlaşyp gaýtjak.

– Arkaýyn gidiber, özüm oňararyn!

Onsoň Kakyş beýleki toýa baryp, Tañryguly bilen salamlaşdy, hal-ahwal soraşdy. Soň hem şeýle diýdi:

– Hany, halypa, biz üçin hem gowy aýdymlaryň birini aýdyp ber.

Şonda bagşy «Dilberim» diýen halk aýdymyny ýerine ýetirdi.

Bagşylar ony hormatlardylar, «Tañňy bar» diýilse, hökman baryp salamlaşardylar.

Nurmuhammet Lotdyýew hem bir obada Tañryguly bilen bir günde aýdym aýtmaly bolupdy. Başda habarsyz bolansoň, ýanyndakylara oslagsyz sowal berdi:

– Beýleki toýda kim aýdym aýdýar?

– Tañňy bagşy.

– Bäý-bä, Tañňy aýdýan bolsa biziň toýumyzda adam bir galarmyka?

Ýaş bagşylar ony şonuň ýaly sylardylar. Şägirtleri köpdi. Ilkibadalar Mälikberdi Gubaýew Tañrygulynyň aýdymlaryny köp aýdardy, soň öz ýoluny tapdy. Tañrygululda tutuş märekäni özüne çekip bilýän labyz, üýtgeşik owaz bardy, hemişe janly sesde aýdardy, aýdym aýtmaly bolsa, hiç wagt ýaýdanmazdy.

Onuň sesiniň derejesine ýetmek köpler üçin gaty kyndy. Saz ylmynda äheň-ton diýilýän ugur bar: ine, käbir aýdymçy-bagşylar Re-den başlap, Lia çenli zordan çekimli aýdymlary aýtsalar, käsi Sio çenli ýetip bilmezdiler. Tañryguly Do-dan başlap, göni Oktawa çekimine baryp bilerdi. Iki gün, üç gün toýda bolsun, hiç sesini ýitirmezdi. Onuň ýanyndaky sazandalary hem hiç ýadamazdy. Bagşynyň niýetine derrew düşünerdiler: toý gowy gyzanda, bagşy halys joşup, ýetjek derejesine ýetende, indiki aýtjak aýdymynyň diňe başky harpyny aýdandan, sazandalary şol aýdymyň sazyny çalyp başlardylar, bagşy bir aýdymdan beýlekä geçende, sazandalar sazlaryň üýtgeýşiniň sepini bildirmezlige çalşardylar. Bagşy durman, yzly-yzyna üç-dört aýdymy aýdardy, şonda-da sesi üýtgemezdi.

Tañrygulynyň aýdymlarynda älem-jahanyň gözellikleri, durmuşyň köp taraply wakalary, ynsan ruhunda hem kalbynda bolup geçýän müň dürli ahwalatlar, duýgy-düşünjeler beýan edildi. Ol aýdymlar adamlary ýagşy işlere ruhlandyrdy, ýüreklere päklik, tämizlik paýlady, köňüllerde ynsanlara, rahat, bagtyýar durmuşa söýgi oýardy, bir-birege pynhan garaýan aşyk-magşuklaryň yşkyny, çekýän hesretlerini, wysal bolan-u-bolmadyk söýgüleriniň owazyny ýaýdy.

**Bäşim ATAÝEW.**

## EDEBIÝAT

*Frensis Bekon: «Kitaplar – wagtyň tolkunlarynda ýüzýän we öz gymmatly ýüküni nesillerden nesillere äkidýän akyl gämileridir».*

## «World Literature Today» žurnaly 100 ýaşady

Üstümizdäki ýylyň tamamlanyp barýan aýynda dünýä edebiýatynyň iň abraýly neşirleriniň biri bolan «World Literature Today» (WLT) žurnalynyň 100 ýyllyk ýubileýi dabaraly ýagdaýda bellenilýär. Bir asyr mundan ozal esaslandyrylan edebi žurnal häzirki wagtda dünýäniň dürli künjeklerindäki ýazyjy-şahyrlary, terjimeçileri we okyjylary birleşdirýän iň uly intellektual meýdança hasaplanýar.




Žurnalyň taryhy 1926-njy ýylyň ýanwar aýyndan gözbaş alyp gaýdýar. Metbugat neşiri ilki ABŞ-nyň Norman şäherinde ýerleşýän Oklahoma uniwersitetinde professor Roý Templ Haus tarapyndan «Books Abroad» ady bilen döredilýär. Dünýä halklarynyň täze edebi eserlerini okyjylara tanyşdyrmak žurnalyň döredilmeginiň esasy maksadydyr. 1977-nji ýylda neşiriň ady häzirki «World Literature Today» diýlip üýtgedilýär.

Žurnalyň 100 ýyllyk ýubileýine bagyşlanan ýanwar sany edebiýat dünýäsi üçin garaşylmadyk sowgat boldy: Nobeliň edebiýat baýragynyň eýesi, kolumbiýaly ýazyjy Gabriel Garsia Markesiň ozal hiç ýerde çap edilmedik «How Natanael Pays a Visit» (Natanailiň myhmançylyga barşy) atly eseri ilkinji gezek okyjylara ýetirildi.

«World Literature Today» adaty žurnal bolman, eýsem, halkara edebiýatynyň kompasydyr. Ol her ýyl 60-dan gowrak dürli dilden terjime edilen eserlere syn berýär we dünýäniň iň uly edebi baýraklarynyň biri bolan «Neustadt» halkara edebiýat baýragyny guraýar. Bu baýraga mynasyp bolanlaryň köpüsi soňra edebiýat boýunça Nobel baýragyna hem hödürlenýär.

Žurnalyň redaksiýasynyň web saýtynda: «Biz bir asyryň dowamynda dünýä edebiýatynyň iň kyn pursatlaryna we iň beýik üstünliklerine şaýat bolduk. 100 ýyllyk – bu diňe bir taryh däl, eýsem, geljekki asyryň täze eserlerini ýüze çykarmak üçin täze başlangyçdyr» diýip bellenilýär.

## BRICS-iň edebiýat boýunça ilkinji baýragy gowşuryldy

BRICS guramasynyň taryhda ilkinji gezek berilýän edebiýat boýunça baýragyna müsürli ýazyjy we romançy Salwa Bakr mynasyp boldy. Baýrak gowşurylyş dabarasy 26-njy ýanwarda 57-nji Kair halkara kitap sergisiniň çäginde geçirildi. Bu baýrak 2024-nji ýylda medeniýetara gatnaşyklary goldamak we edebiýat arkaly milli gymmatlyklary ösdürmek maksady bilen döredilipdi.

Salwa Bakr öz çykyşynda BRICS-iň siwilizasiýa we ynsanperwerlik babatdaky ornuny, şeýle hem gurama agza ýurtlaryň dünýä medeniýetini kemala getirmekdäki ähmiýetini aýratyn belledi:

– Gadymy Müsür edebiýaty pajarlap ösýär. Biziň aňymyz rus ýazyjylary Anton Çehowyň, Fýodor Dostoýewskiniň, Maksim Gorkiniň eserleri, şeýle hem Hindistanyň, Hytaýyň we Braziliýanyň edebi mirasy esasynda kemala geldi.

Salwa Bakr ýedi romanyň, ýedi hekaýalar ýygyndysynyň we pýesalaryň awtorydyr. Onuň eserleri dünýäniň birnäçe diline terjime edildi. Ýeňijä 1 million rubl (takmynan 600 müň müsür funty) möçberinde pul baýragy gowşuryldy.



Esasy baýrakdan başga-da, emin agzalary indoneziýaly ýazyjy Denni Jany «Edebiýat ugrundaky täzelikleri üçin» atly ýörite baýrak bilen sylaglady. Ol hakyky maglumatlar we resminamalar esasyndaky «poetik esse» žanryny döredendigi üçin bu baýraga mynasyp görüldi. Ýeňijiler emin agzalarynyň ses bermegi esasynda kesgitlenildi.

BRICS dünýäniň iň çalt ösýän ykdysadyýetlerine eýe bolan ýurtlaryny birleşdirýän halkara guramadyr.

## Gysga habarlar

**Saltykow-Şedriniň kümüş şaýylygy.** Russiýanyň merkezi banky Mihail Ýewgrafowiç Saltykow-Şedriniň (1826-1889ý.) keşbi çekilen, nominal bahasy iki rubl bolan ýadygärlik kümüş şaýylygy dolanyşyga çykarar. «Russiýanyň görnükli şahsyýetleri» tapgyryna degişli bolan bu şaýylyk ýazyjynyň 2026-njy ýylyň 27-nji ýanwarynda bellenip geçilen doglan gününiň 200 ýyllygyna bagyşlanýar. Şaýylykdan 3 müň sanysy çykarylar.



**Rekord bahadan satyldy.** Supermen gahrymanynyň ilkinji gezek peýda bolan komiksler toplumynyň birinji sany ABŞ-da geçirilen auksionda rekord bahadan, ýagny, 15 million amerikan dollaryna satyldy. Geçmişde bu komiksiň eýesi meşhur amerikan aktýory Nikolas Keýj bolupdyr. «ComicConnect» auksion öýüniň wekilleriniň aýtmagyna görä, bu nusga dünýäde saklanyp galan jemi 100 sany kitabyň biridir. Komiksiň bu sany 1938-nji ýylda çapdan çykypdy.



**Çagalaryň kitap sergisi geçiriler.** 13-16-njy aprel aralygynda Italiýanyň Bolonýa şäherinde 63-nji halkara çagalar kitap sergisi geçiriler. Serginiň esasy maksady zehinli suratkeşleri ýüze çykarmakdyr. Bu ýylky bäsleşige dünýäniň dürli künjeginden 20 müň 790 iş ugradyldy. Emin agzalary olaryň arasyndan 31 ýurda wekilçilik edýän 75 sany iň gowy suratkeşi ýeňiji diýip yglan etdiler. Ýeňijileriň eserleri serginiň esasy bölüminde görkeziler.




**2025-nji ýylyň edebi lideri.** Russiýanyň «Читай-город» onlaýn kitap dükanynyň geçen ýyl üçin reýtinginde Fýodor Dostoýewskiniň «Jenaýat we jeza» romany Mihail Bulgakowyň «Ussat we Margarita» eserinden ozup, iň köp satylan kitap boldy. Umumy satuwy 1,35 million nusgadan geçen sanawda Lermontow, Turgenýew we Gogol ýaly ýazyjylar ilkinji onluga girdiler. Dostoýewskiniň meşhur romanyny her gün ortaça 200-den gowrak okyjy satyn alypdyr.



**Kitap sergisi guraldy.** Nýu-Delide 35-den gowrak ýurduň gatnaşmagynda 53-nji halkara kitap sergisi geçirildi. Bilim ministri Darmendra Pradan sergini açyp, 23 dilde 6 müňden gowrak mugt elektron kitabyň hödürlenýän Milli e-kitaphanasyny tanyşdyrdy. Kitap sergisinde 100-den gowrak medeni dabaralar guraldy. 10-18-nji ýanwar aralygynda «Hindistanyň harby taryhy» mowzugy bilen geçirilen bu çäre müňlerçe neşirýatçyny we okyjyny bir ýere jemledi.



## Kitap okamak ömri uzaldýar

Kitap okamak bilen ömür dowamlylygynyň arasynda göni baglanyşyk bolup biler. Alymlaryň geçiren barlaglary yzygiderli kitap okamagyň stres derejesini peseldýändigini, ýady gowulandyrýandygyny we adamyň uzak ýaşamagyna ýardam edýändigini görkezýär. Bu baradaky maglumatlar «National Geographic» žurnalynda çap edildi.



Amerikan psihoterapewti Zoi Şou kitap okamak bilen ömür dowamlylygynyň arabaglanyşygyny şeýle düşündirýär: – Siz kitaba gyzygyp gideniňizde, köplenç meditasiýa meňzeş «trans» ýagdaýyna girýärsiňiz we bu ýagdaý sizi stresden goraýar.

Bu nazaryýetiň esasy subutnamasy hökmünde Ýel jemgyýetçilik saglygy goraýyş mekdebiniň geçiren ylmy işi görkezilýär. Barlagyň çäginde alymlar 12 ýylyň dowamynda 50 ýaşdan uly 3,5 müňden gowrak meýletinçä gözegçilik etdiler. Netijede, yzygiderli kitap okaýan gatnaşyjylaryň kitap okamaýanlara garanyňda, ortaça 23 aý köp ýaşandygy anyklandy. Barlaglarda adamyň bilim derejesiniň we kognitiw ukyplarynyň bu görkezijä hiç hili täsir etmeýändigi bellenilýär.

Sagdynlyk üçin jemgyýetçilik gatnaşyklary örän ähmiýetli hasaplanýar, edebiýat hem bu tejribäniň ornuny tutup bilýär. Sebäbi adam kitap okan wagty öz duýgularyny ösdürýär we dünýäni başga biriniň gözi bilen görmegi öwrenýär. Mundan başga-da, kitap okamak ýalňyzlyk duýgusyny peseldýär. Alymlaryň pikiriçe, ýalňyzlyk duýgusy hem edil çilim çekmek ýa-da semizlik ýaly, wagtyndan öň garramagyň esasy töwekgelçilikli faktorydyr.

Zoi Şou: – Okamak şol bir wagtyň özünde beýniniň birnäçe bölegini – üns, ýat we göz öňüne getirmek üçin jogapkär bolan gepleýiş zolagyny işe girizýär, bu bolsa wagtyň geçmegi bilen kognitiw goragy güýçlendirýär – diýip belleýär. Hünärmenleriň aýtmagyna görä, munuň üçin her gün bary-ýogy 10-30 minut kitap okamak ýeterlikdir.

## Pars edebiýatynyň uly baýragy

Golaýda Tähran şäherindäki Eýranyň milli kitaphanasynyň dabaralar zalynda häzirki zaman pars edebiýatynyň iň ýokary sylagy hasaplanýan 18-nji Jelal al-Ahmed edebiýat baýragynyň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Eýran Yslam Respublikasynyň Medeniýet we yslam ugrukdyryş ministrliginiň guramagynda geçirilen bu çäre ýurduň edebiýat älemindäki iň möhüm wakalaryň biri hökmünde kabul edilýär.



Açylyş dabarasynda çykyş eden medeniýet we yslam ugrukdyryş ministri Seýid Abbas Salehi Eýranyň hekaýalaryň we kyssalaryň mekanydygyny, bu mirasyň häzirki zaman ýazyjylarynyň galamy arkaly täze öwüşgine eýe bolýandygyny aýratyn belledi.

Bäsleşigiň netijelerine görä, «Roman we uly göwrümli proza» ugrundan Mohammadreza Katebiň «Lems» (Galtaşma) atly romany iň gowy eser diýlip saýlandy. Şonuň bilen birlikde, ýazyjy Zehra Gudarziniň «General» atly romany hem ilkinji gezek kitabyny çap etdiren awtorlaryň arasynda ýokary baha eýe boldy. «Gysga hekaýalar» bölüminde bolsa iki ýeňiji yglan edilip, Abbas Aziminiň «Käwagt mazarlara hem nazar sal» we Hosrow Abbasi Hodlanyň «Men Ibn Battutadyryn» atly eserleri baýraga mynasyp görüldi. Dokumental edebiýat ugrundan Morteza Serhenginiň «Kasym» atly kitaby öňe saýlandy.

18-nji gezek geçirilen bäsleşigiň kätibi Majid Geýsari şu ýyl tabşyrylan eserleriň sanynyň geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 20 göterim, dokumental edebiýat bölüminde bolsa 35 göterim artandygyny mälim etdi. Şeýle hem çärede zenan ýazyjylaryň görnetin işjeňligi we olaryň kämil eserleri aýratyn bellenilip geçildi. Ýöne bäsleşigiň eminleri edebi tankyt bölüminde kämil eser tapylmandygy sebäpli, bu ugurda hiç bir awtory ýeňiji diýip yglan etmediler. Jelal al-Ahmed baýragy diňe bir ýazyjylary maddy taýdan höweslendirmän, eýsem, saýlanan eserleriň gaýtadan çap edilmegine we halkara derejede tanyşdyrylmagyna hem giň ýol açýar.

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Emeli aň has akylly bolar.** «Emeli aň (EA) şeýle ösüş depgini bilen, megerem, şu ýylyň ahyryna ýa-da geljek ýyla çenli has akylly ulgama öwrüler. 2030 – 2031-nji ýyllara çenli bolsa, EA bütin adamzadyň köpçülikleýin akyl-paýhasyndan hem öňe geçip biler» diýip, amerikaly işewür Ilon Mask 19-23-nji ýanwarda Dawosda geçirilen Bütindünýä ykdysady forumynda aýtdy.



**Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.** Minni atly nemes dogy dünýäniň iň uzyn iti hökmünde ykrar edildi. ABŞ-nyň Konnektikut ştatynda idedilýän bu jandaryň rekordy resmi taýdan hasaba alyndy. Itiň gerşinden ölçenendäki boýy 97,5 santimetre deň boldy. Bu barada Ginnesiň rekordlar kitaby habar berýär. Minni öňki rekordyň eýesi – Floridada idedilýän Lizzi atly itden birnäçe santimetr uzyn.



**Äpet tunes tutdular.** ABŞ-nyň Wirjiniýa ştatynda balykçylar topary agramy 379 kilograma barabar bolan äpet tunes balygyny tutdular. High Hopes atly balykçy gämisinde rekord derejede uly balyk awlandy. Balygy gäminiň bortuna çykarmak üçin topara bir ýarym sagat töweregi wagt gerek boldy. Hasaba alyş işlerinden soň, tunesiň uzynlygynyň 274 santimetre deňdigi, agramynyň bolsa Wirjiniýa ştatynyň öňki resmi rekordyndan has ýokarydygy anyklandy.



**800 ýyllyk altyn ýüzük tapyldy.** Norwegiýanyň Týonsberg şäherinde arheologlar üýtgeşik gymmatlygy, takmynan, 800 ýyllyk altyn ýüzügi tapdylar. Bu gadymy tapyndy arheolog Linda Asheým tarapyndan topragyň, takmynan, 7 santimetr çuňlugyndan tapyldy we Norwegiýanyň Medeni mirasy barlag instituty (NIKU) tarapyndan seljerilip, «arzuw edilen tapyndy» diýlip atlandyryldy.



**Dünýäniň iň uly melewşe ýakudy.** Şri-Lankada agramy 3563 karata barabar bolan dünýäniň iň uly melewşe reňkli, ýyldyz şekilli ýakut daşy köpçülige görkezildi. Daşyň bahasy, azyndan, 300 million amerikan dollary möçberinde diýlip kesgitlenildi. Ýakut daşa «Päk topragyň ýyldyzy» diýen at berildi. Bu gymmat bahaly daş dünýäde resmi taýdan hasaba alnan iň uly tebigy melewşe reňkli ýyldyz görnüşli ýakut daşydyr.



**«Apple» ýene-de öňde.** «Brand Finance Global 500» agentligi dünýäniň iň gymmat brendleriniň sanawyny düzdi. Sanawda «Apple» kompaniýasy ýene-de birinji orny eýeledi. 2025-nji ýylda brendiň bahasy 607,6 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Ikinji orunda 565,2 milliard amerikan dollary baha bilen «Microsoft», üçünji orunda bolsa 433,1 milliard amerikan dollary bahasy bolan «Google» ýerleşýär. Dördünji orny 369,9 milliard amerikan dollary bilen «Amazon», bäşinji orny 184,3 milliard amerikan dollary baha bilen «Nvidia» jemleýär.



**Gadymy rim willasy tapyldy.** Angliýanyň Suonsi uniwersitetiniň arheologlary Port-Tolbotyň (Uels) golaýyndaky Margam seýilgähiniň çäginde Gadymy Rim döwrüne degişli äpet willanyň galyndylaryny ýüze çykardylar. Alymlaryň aýtmagyna görä, bu tapyndy üýtgeşik, sebäbi ol öz gerimi boýunça sebitdäki mälim bolan ähli taryhy ýadygärliklerden has uludyr. Mülküň tutýan meýdany 572 inedördül metre deň.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1924-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda A.Hanžonkowyň we I.Ýermolýewiň hususy kinokompaniýalarynyň birikdirilmegi netijesinde «Mosfilm» kinostudiýasy esaslandyryldy. Ýewropanyň bu iň iri kinokonserniniň taryhy režissýor B.Mihiniň «Ganatlanyp belentlige» (На крыльях ввысь) atly filminiň ekrana çykmagy bilen başlandy. Geçen bir asyryň dowamynda studiýa tarapyndan dünýä kinosynyň hazynasyna giren 3 müňden gowrak film surata düşürildi.**




# Möhletinden öň saýlawlar geçiriler

**Ýaponiýanyň Premýer-ministri Sanae Takaiti möhletinden öňki ählumumy saýlawlary geçirmek maksady bilen, 23-nji ýanwarda parlamentiň aşaky palatasynyň (Wekiller palatasy) işini ýatyrdy. Premýer-ministriň kararyna görä, ses berişlik 8-nji fewralda geçiriler. 27-nji ýanwarda başlanan saýlawlardan öňki kampaniýa bary-ýogy 16 gün dowam eder.**

**Bilermenleriň pikirine görä, Sanae Takaiti öz Kabinetiniň häzirki ýokary reýtinginden peýdalanmak üçin saýlawlary çaltlandyrýar. Aslynda, aşaky palatanyň ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna ýene iki ýyldan gowrak wagt bardy. Takaiti bu kararyny oktýabr aýynda başlan premýer-ministrlik döwrüne halkyň doly goldawyny almak islegi bilen düşündirdi. Şol wagt Liberal-demokratik partiýasy we «Ýaponiýany täzelemek jemgyýeti» tarapyndan täze dolandyryjy koalisiýa guralypdy.**

**Bu saýlawlar Sanae Takaiti üçin Premýer-ministr hökmündäki ilkinji ählumumy saýlawlar bolar. Häzirki wagtda dolandyryjy koalisiýa Wekiller palatasynda az-kem köplüge eýe bolsa, Maslahatçylar palatasynda azlykda galýar. Şu aralykda, Konstitusion-demokratik partiýasy we «Komeýto» birleşip, 165 deputatdan ybarat «Merkezçi reformalar alýansyny» döretdi. Bu täze bileleşik öňdäki saýlawlarda dolandyryjy konserwatiw blokdan üstün çykmagy maksat edinýär.**



# Bolgariýanyň ilkinji zenan Prezidenti

Bolgariýanyň Konstitusion kazyýeti Prezident Rumen Radewiň wezipesinden çekilmegini resmi taýdan kabul etdi. Indi bolsa Prezidentiň wezipesini wise-prezident Iliýana Ýotowa ýerine ýetirer diýip, Bolgariýanyň «Novinite» neşiri habar berýär.

«Bolgariýanyň Konstitusion kazyýeti Prezident Rumen Radewiň wezipesinden çekilýändigini resmi taýdan kabul edip, wise-prezident Iliýana Ýotowanyň Prezident wezipesine girişmegine ýol açdy. Kazyýetiň 2026-njy ýylyň 23-nji ýanwarynda kabul eden kararyna görä, Ýotowa Bolgariýanyň döwlet Baştutany wezipesindäki ilkinji zenan boldy» diýlip bellenilýär.

Mälim bolşy ýaly, kazyýetiň kararyndan soň Radewiň Prezidentlik ygtyýarlyklary resmi taýdan Ýotowa geçirilýär. Onuň Milli mejlisde gaýtadan kasam kabul etmegine zerurlyk ýok, sebäbi ol eýýäm 2022-nji ýylyň ýanwar aýynda wise-prezident wezipesine girişende kasam kabul edipdi.

Radewiň wezipesinden çekilmeginden soň, Ýotowa wezipesini wise-prezidentsiz dowam eder. Ýotowa öz jemgyýetçilik karýerasyna žurnalist hökmünde başlap, soňra Bolgar sosialistik partiýasyna goşuldy. Ol Bolgariýanyň parlamentiniň we Ýewropa Parlamentiniň deputaty boldy. Soňky dokuz ýylyň dowamynda ýurduň wise-prezidenti wezipesini eýeledi. Ol bu wezipä 2017-nji ýylyň ýanwar aýynda girişipdi. 2021-nji ýylda Prezident Radew bilen bilelikde ikinji möhlete gaýtadan saýlandy.



Radew 19-njy ýanwarda özüniň wezipesinden çekilýändigini yglan edipdi. Onuň ýakyn wagtda boljak möhletinden öňki parlament saýlawlarynyň öňýanynda özüniň täze syýasy taslamasyny yglan etmegine garaşylýar.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ KÖP ULAGLY ŞÄHERLERI

**2025-nji ýylyň iň köp ulagly ýollary bolan şäherleriniň reýtinginiň liderleri Mehiko, Dublin, Lima we Bangkok boldy. Bu barlaglary Niderlandlaryň nawigator öndürýän «Tom-Tom» kompaniýasy geçirdi. Bilermenler 500-e golaý şäherdäki ýagdaýy seljerip, ýollaryň dyknyşyk derejesini, ortaça hereket tizligini, 15 minutda geçmek mümkin bolan aralygy, şeýle hem sürüjileriň ýylyň dowamynda dyknyşyklarda geçirýän wagtyny hasapladylar.**

**Barlagyň netijelerine laýyklykda, Mehikoda sürüjiler ýolda adaty ýagdaýdan 75,9% köp wagt geçirýärler. Ondan soňky orunlarda Hindistanyň Bengalor (74,4%) we Dublin (72,9%) şäherleri gelýär. Iň pes dyknyşyk derejesi Amerikanyň kiçi şäherlerinde hasaba alyndy.**

**Hereketiň iň pes ortaça tizligi Kolumbiýanyň Barrankilýa şäherinde hasaba alyndy, ol ýerde bu görkeziji sagatda 16,4 kilometrden geçmeýär. Ikinji orny London (sagatda 16,5 kilometr) eýeleýär. Şol bir wagtda Kaliforniýanyň Fresno şäherinde bu görkeziji sagatda 68 kilometre ýetýär.**

**Barrankilýada we Londonda 15 minutda 4,1 kilometr ýol geçip bolýan bolsa, Fresnoda bu görkeziji 17 kilometre deň. Dyknyşyklarda ýylyň dowamynda iň köp wagty Perunyň Lima şäheriniň ýaşaýjylary geçirýärler – 195 sagat, Dublinde – 191 sagat, Mehikoda – 184 sagat.**



# Ikinji möhlete täzeden saýlandy

Wýetnamyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň 14-nji çagyrylyşynyň agzalary To Lamy biragyzdan MK-nyň Baş sekretary wezipesine täzeden saýladylar.



«Thanh Niên» neşiriniň ýazmagyna görä, ol 2031-nji ýyla çenli bu wezipäni eýelär.

2024-nji ýylyň awgust aýynda To Lam ilkinji gezek Wýetnamyň Kommunistik partiýasynyň Baş sekretary wezipesine 2026-njy ýyla çenli saýlanypdy. Şol wagt To Lam Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň Prezidenti wezipesini hem ýerine ýetirýärdi. Ol bu wezipäni 2024-nji ýylyň maý aýynda wezipesinden çekilen Wo Wan Thyongyň ýerine eýeläpdi. Şol ýylyň oktýabrynda bolsa bu wezipe To Lamdan goşun generaly Lyong Kyonga geçipdi.

To Lam 1957-nji ýylyň 10-njy iýulynda Hyngýen welaýatynda doguldy. Ol Halk howpsuzlygy akademiýasyny tamamlady we ýönekeý harby gullukçy wezipesinden başlap, Jemgyýetçilik howpsuzlygy ministrliginiň bölümlerinde hem-de departamentlerinde ýolbaşçy wezipelerde zähmet çekdi. 1980-nji ýyllaryň başynda Kompartiýanyň hataryna, soňra partiýanyň MK-syna, syýasy býurosyna girdi we parlamentiň deputaty boldy. 2016-njy ýylda ministr wezipesine bellenildi.

# Awtoulag gämisi suwa goýberildi

22-nji ýanwarda Guançžou şäheriniň gämi gurluşyk zawodynda Hytaýyň iň uly gämisi bolan HMM10800 suwa goýberildi. Bir saparda 10 müň 800 sany awtoulag daşamaga ukyply bolan bu gämi Koreýa Respublikasynyň HMM logistika kompaniýasy üçin niýetlenendir. «Cnevpost.com» saýtynyň habar bermegine görä, gämi «Guangzhou Shipyard International» (GSI) döwlet korporasiýasy tarapyndan gurlup, onuň gurluşygyna bir ýyl töweregi wagt sarp edildi.

Gäminiň sygymlylygynyň 10 müň 800 awtoulaga deň bolmagy onuň bir Hytaýda däl, eýsem, bütin dünýäde awtoulag daşaýan iň uly gämi (PCTC) boljakdygyny aňladýar. Gäminiň 14 sany awtoulag palubasy (şol sanda bäş sany hereketli palubasy) ýeňil awtoulaglary we agyr ýük ulaglaryny ýüklemäge mümkinçilik berýär. Bu «rolker» görnüşli gäminiň uzynlygy 230 metrden, giňligi 40 metrden gowrak. Gämi gurlanda elektromobilleri we wodorod ýangyjy bilen işleýän ulaglary daşamagyň howpsuzlygyna aýratyn üns berildi.

Gämi suwuklandyrylan tebigy gaz (STG) we dizel ýangyjy bilen işleýän gibrid hereketlendiriji bilen enjamlaşdyryldy. Bu çözgüt zyýanly galyndylaryň çykarylyşyny ep-esli azaltmaga mümkinçilik berýär: kükürt oksidlerini 99%,




azot oksidlerini 80%, kömürturşy gazyny hem, takmynan, 20% azaldýar. Bu gämi logistikada ekologiýa taýdan iň ýokary standartlara eýe bolan täze çözgüt hasaplanýar.

Mundan ozal sygymlylygy boýunça iň uly gämi derejesi SAIC konserniniň eýeçiligindäki «Anji Logistics» kompaniýasynyň iki gämisine degişlidi. Bu gämilere 9 müň 500 ulag sygýar.

# Ýewropanyň «medeni paýtagty»

Kipriň paýtagty Nikosiýa «European Best Destinations» (EBD) guramasynyň reýtinginde 2026-njy ýylda Ýewropanyň iň gowy medeni ugry diýlip saýlandy. Bu barada «Travel Tomorrow» neşiri habar berdi.

EBD guramasy şäheriň bu üstünligini şeýle häsiýetlendirdi: «Taryhy we innowasiýany, döredijiligi we jemgyýetçilik gatnaşygyny, däp-dessurlary we batyrgaý medeni maksatnamalary özünde jemleýän Nikosiýa bu günki günde Ýewropanyň iň özboluşly medeni merkezleriniň biridir». Şeýle hem gurama grek we türk medeniýetleriniň utgaşmasynyň şäheriň reýtingde birinji orny eýelemeginde iň möhüm ýagdaýlaryň biri bolandygyny belledi.

Sanawda ikinji orny Florensiýa (Italiýa), üçünji orny bolsa Wena (Awstriýa) eýeledi. TOP-10-a Lýowen (Belgiýa), Şibenik (Horwatiýa), Werona (Italiýa), Tomar (Portugaliýa), Ruan (Fransiýa), Oksford (Beýik Britaniýa) we Gras (Awstriýa) girdi.



Hünärmenler sanawa giren şäherleri medeni mirasyň gymmaty, döwrebap döredijilik, syýahatçylyk akymy we halkara derejeli ähmiýeti esasynda saýlap alandyklaryny belleýärler. Ahyrky netijeler dünýäniň 131 ýurdundan 22 müň syýahatçynyň ses bermegi esasynda kesgitlenildi.

# Emeli aň hakyndaky kanun

Koreýa Respublikasy dünýäde emeli aňyň (EA) howpsuz ulanylyşyny düzgünleşdirýän ählitaraplaýyn kanunyň güýje girizilen ilkinji ýurdy boldy. Gürrüň emeli aňy ösdürmek we oňa bolan ynamyň binýadyny kemala getirmek hakyndaky esasy kanun barada barýar. Munuň dürli kadalaşdyryjy namalaryň ýygyndysy däl-de, dünýäde ilkinji hemmetaraplaýyn kanundygy aýratyn bellenilýär. Resminama tehnologiýa kompaniýalarynyň boýun bolmaly generatiw emeli aň modelleriniň önümlerine bolan hukuk çäklerini we talaplaryny, şeýle hem düzgün bozmalary üçin jerimeleri öz içine alýar.

Hususan-da, generatiw modeller tarapyndan döredilen kontent degişli suw belligi (watermark) bilen bellenilmelidir. Kanuna laýyklykda, kompaniýalar öz hyzmatlarynyň emeli aňa esaslanýandygy barada potensial müşderilere habar bermäge, şeýle hem olaryň howpsuzlygy barada alada etmäge borçludyrlar.

«Yonhap» habarlar agentliginiň belleýşi ýaly, emeli aňyň kömegi bilen döredilip bilinjek dipfeýkleriň we ýalan habarlaryň ýaýradylmagy bilen bagly meseleleri çözmekde ýuridik şahslaryň hem-de işläp düzüjileriň üstüne has uly jogapkärçilik düşýär. Şol bir wagtyň özünde, häkimiýetler şeýle hukuk bozulmalar bilen bagly işleri derňemäge ygtyýar aldylar.

Mundan başga-da, kanun tehnologiýa kompaniýalaryň hyzmatlaryndan ýurtda her günde 1 milliondan gowrak adam ulanýan bolsa ýa-da olaryň girdejisi 10 milliard wondan (6,8 million amerikan dollary) geçse, Koreýa Respublikasynda bölümlerini açmaga borçly edilýär. Ýene bir ölçege görä, eger kompaniýa öz hyzmatlaryny Koreýa Respublikasynda hödürleýän bolsa we onuň bütin dünýä boýunça ýyllyk girdejisi 1 trillion wona (681 million amerikan dollary) deň bolsa, bu şert olara hem degişlidir. Bu talaplara «OpenAI» we «Google» kompaniýalary gabat gelýär. Häkimiýetler geçiş döwri üçin bir ýyl wagt bermegi meýilleşdirýärler.






# Stokgolmda Nobel merkezi gurlar

Germaniýanyň «David Chipperfield Architects» binagärlik studiýasy ýerli «Sweco Architects» studiýasy bilen bilelikde Stokgolmdaky Nobel merkeziniň taslamasyny hödürledi. «Dezeen» neşiriniň habaryna görä, binanyň Sedermalm adasynyň kenarynda gurulmagy meýilleşdirilýär. Taslama laýyklykda, binada ylym, edebiýat we parahatçylyk ugurlary boýunça Nobel baýragynyň eýeleriniň taryhyny hem-de gazanan üstünliklerini görkezýän sergiler, dürli çäreler, okuw sapaklary we maslahatlar üçin niýetlenen otaglar ýerleşer.

Umumy meýdany 13 müň inedördül metre barabar bolan binanyň gurluşygyna 2027-nji ýylda başlamak we 2031-nji ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär. Nobel merkeziniň gurluşygynda, esasan, agaç materiallar ulanylar, binanyň daşky tarapy bolsa, gyzyl kerpiç bilen örtüler. Beýle gurluşyk serişdesiniň saýlanmagy tötänden däl. Kerpiç asyrlarboýy Stokgolmyň binagärliginiň häsiýetli aýratynlygy bolup gelipdir. Gyzyl reňk şäheriň ratuşasy ýaly nusgawy kerpiçli binalarynda duş gelýär.

Binanyň birinji gatynda eýwan, dükan we restoran ýerleşer hem-de suw manzarly açyk terrasa çykar. Kenardaky gezelenç ýoly ýörite ugur emele getirer. Ol ýakynda ýerleşýän sergileriň we ussatlyk sapaklarynyň geçirilýän Fotografika muzeýini (Fotografiska) we Stokgolmyň şäher muzeýini (Stadsmuseet) birleşdirer.

Nobel merkeziniň taslamasy Erling-Persson we Knut hem-de Alisa Wallenberg gaznalary tarapyndan maliýeleşdiriler. Olar bu taslama üçin jemi 2,3 milliard şwed kronyny bölüp bererler. Taslamanyň umumy bahasy 2,5 milliard kron (271 million amerikan dollary) diýlip bahalandyryldy. Taslamanyň galan serişdelerini Nobel gaznasy üpjün eder.

Täze muzeýe gelýänler okuw sapaklaryny diňläp, sergilere aýlanyp, dürli söhbetdeşliklere we medeni çärelere gatnaşyp bilerler. Nobel gaznasynyň ýerine ýetiriji direktory Hanna Stýerneniň aýtmagyna görä, bu ýer ylmyň, edebiýatyň we parahatçylygyň öýi, Nobel baýraklarynyň güýjüni alamatlandyrýan merkez bolmak bilen çäklenmän, eýsem, häzirki we geljekki nesiller üçin ylham çeşmesine öwrüler.

*Tebigy täsinlik*



# ISLANDIÝANYŇ «ALTYN HALKASY»

**Islandiýa dünýäde iň owadan dag tebigaty bolan ýurtlaryň biri hasaplanýar. Ýurduň esasy bölegini daglar we belentlikler emele getirýär. «Altyn halka» Islandiýanyň ýabany tebigatdaky iň owadan ýerleriniň biridir. Gaýaly jülgelerden başlap, Gulfoss şaglawugyny we Strokkýur geýzerini synlamaga mümkinçilik berýän bu täsin ugur ýurduň günorta-günbatar böleginde ýerleşýär.**

**Paýtagt şäher Reýkýawikden başlanýan «Altyn halka» Islandiýanyň gözelliklerini synlamaga mümkinçilik berýän 250 kilometrden gowrak ýol syýahatydyr. «Altyn halkanyň» başlanýan ýerinde Islandiýanyň iň gadymy milli seýilgähi Tingwellir ýerleşýär. Gaýaly jülgelerden düzülen milli seýilgäh Ýewraziýa bilen Demirgazyk Amerikanyň aýrylýan nokady hasaplanýar. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu ýerde tektonik plitalaryň ýyllaryň dowamynda döreden gözelliklerini synlap bolýar. Lýogberg gaýasy, agaçdan gurlan ybadathana we Ehsaraurfoss şaglawugy Tingwellir milli seýilgähiniň meşhur ýerleridir.**

**Seýilgähden soňky duralga Gulfoss şaglawugydyr.**



**«Altyn şaglawuk» diýlip atlandyrylýan Gulfoss Islandiýanyň iň meşhur ýerleriniň biridir. Owadan şaglawuk aşaklygyna jülgä tarap akyp, täsin görnüşi emele getirýär. Iki gatlakdan aşak inýän şaglawugyň beýikligi 32 metre, ini 20 metre ýetýär. Ýewropanyň iň howply şaglawuklarynyň biri hasaplanýan bu suw gözelligi gözbaşyny Hwita derýasyndan alýar. Şaglawugy iki ýerden – ýokardan we aşaky gowakdan synlap bolýar.**

**Geýzer geotermal (ýylylyk) meýdançasy. «Altyn halkanyň» täsinlikleriniň ýene biri ýerasty wulkan işjeňliginiň merkezi bolan Geýzer geotermal meýdançasydyr. Geýzer tebigatyň täsin hadysasy bolup, «gyzgyn suwly tebigy çüwdürim» hasaplanýar. Adatça, geýzerden pürkülýän suw 55-60 dereje gyzgyn bolýar. Islandiýadaky geýzerler kükürtli bolup, howada bugly atmosferany emele getirýär. Geýzerde el-ýüzüňi ýuwup ýa-da suwa düşüp bolmaýar. Şol sebäpli Geýzer geotermal meýdançasynda syýahatçylar üçin howpsuz araçäk goýulýar. Meýdançanyň iň gymmatly çüwdürimi Strokkýur geýzeri hasaplanýar. Wizual tomaşa hödürleýän tebigy suw çüwdürimi her 10 minutdan bir gezek howa zyňlyp gidýär. Iň köp surata düşülýän ýerleriň biri bolan geýzeriň beýikligi 15-20 metre, käte 40 metre çenli ýetýär. Bulardan başga-da, bu ýerde Kerid wulkan kölüni hem synlamak bolýar. Göm-gök suwly krater tebigatda dynç almak üçin iň gowy ýerleriň biri hasaplanýar. «Altyn halkanyň» ugrunda ýerleşýän bu gözellikleriň hemmesine bir günüň dowamynda gezelenç edip bolýar.**



# Iň köp iýilýän TAGAMLAR



**Maglumatlara görä, dünýäde 10 müňden gowrak tagam görnüşleri taýýarlanylýar. Tagamlaryň käbiri belli-belli ýerlerde iýilýän bolsa, käbiri tutuş dünýäde uly isleg bilen taýýarlanylýar. Geliň, dünýäde iň köp iýilýän tagamlar bilen tanyş bolalyň!**

**PIZZA.** Italýan aşhanasynyň naýbaşy tagamy hasaplanýan pizza kopleriň halaýan tiz tagamlarynyň biridir. Ýokary gyzgynlykdaky peçde derrew bişirilýän bu tagamyň 687 görnüşi bar. XIX asyryň başlarynda Italiýanyň Neapol şäherinde oýlanyp tapylan bu iýmit islege görä dürlüçe usulda taýýarlanýar. Adatça, bu tagama peýnir, pomidor, zeýtun, şöhlat ýa-da et goşulýar. Pizza häzirki wagtda dünýäniň ähli restoranlaryndaky tagam sanawynda öňdäki orny eýeleýän iň gowy iýmitleriň biridir.

**DÖNER.** Dünýäde meşhur tagamlaryň ikinjisi döner bolup, türk gastronomiýasyndan gözbaş alýar. Osman imperiýasy döwründe oýlanyp tapylan bu tagamyň taryhy XVII asyrlara degişli bolup, şol wagt döner közüň üstünde keseligine goýlup bişirilipdir. 1850-nji ýyllardan soň ýuka kesilen et bölekleri örülen görnüşde dikligine bişirilip başlanypdyr. Türkiýäniň Bursa şäheri döneriň dörän ýeri hasaplanyp, XX asyryň ahyrynda çalt tagam görnüşinde çöregiň arasyna goýlup köpçülikleýin satylyp ugraýar. 1950-nji ýyllardan soň türkleriň milli tagamynyň meşhurlygy has artyp, dünýäniň dürli ýurtlarynda döner satylýan göçme dükanlar peýda bolup başlaýar.

**GAMBURGER.** Amerikalylaryň her gün iýýän tiz tagamlarynyň biri bolan gamburger çişirilen çöregiň arasyna kotlet, peýnir, salat oty, pomidor we sogan goýlup taýýarlanýar. Gamburgeriň haçan bişirilip başlanandygy barada dürlüçe pikirler bar. Taryhçylar Tehasyň kiçi şäherçeleriniň birinde köçe aşpezi tarapyndan gamburgeriň oýlanyp tapylandygyny belleýärler.

**SUŞI.** Ýapon aşhanasynyň iň meşhur tagamy bolan suşi tüwä garylan deňiz önümleriniň daşyna çig balyk dolanyp taýýarlanýar. Ýaponlaryň bu milli tagamy 1980-nji ýyllardan soň bütin dünýäde meşhurlyk gazanyp, köp ýurtda suşi restoranlary açyldy. Häzirki wagtda suşi saşimi we unagi ýaly täzeçe usullarda hem taýýarlanylýar.

# Wulkanlaryň we buzluklaryň ýurduna syýahat

**Demirgazyk Atlantikanyň merkezinde ýerleşýän Islandiýa haýran galdyryjy buzluklary hem-de hereket edýän wulkanlary bilen tebigaty söýüjileriň ünsüni özüne çekýär. Islandiýa diýlende kopleriň Demirgazyk ýşyklary göz öňüne gelýär. Kopler bolsa Islandiýany gyzgyn suwly kölleriň ýurdy hökmünde tanaýar. 103 müň inedördül kilometr meýdany tutýan ada ýurdy Arktika tegelegine örän ýakyn ýerleşýär. Şol sebäpli bu ýerde tomsuna ak gijeleri, gyşyna bolsa dürli öwüşginli demirgazyk ýşyklaryny synlap bolýar. Syýahatçylaryň köpüsi bu ýurda Tingwadlawatn kölüni görmek üçin barýarlar. Ýurduň paýtagty Reýkýawik şäheri bolup, Koupawogýur, Habnarfordýur, Reýkýanesbaýr, Akureýri, Gardabaýr Islandiýanyň esasy şäherleri hasaplanýar. Islandiýalylaryň 95 göterimi island dilinde gepleşýärler. Ýurduň resmi dili island dili bolup, ikinji we üçünji dil hökmünde datça we iňlisçe öwredilýär. Şol sebäpli ada ýurduna barýan syýahatçylar ýerli ilat bilen düşünişmekde kynçylyk çekmeýärler. 2007-nji ýylda Islandiýa BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň beýanatynda dünýäniň ýaşamak üçin iň gowy ýurdy diýlip saýlandy. Sowuk ýurda Keflawik howa menzili arkaly ýa-da deňiz üsti bilen baryp bolýar. Gezelenje barýan syýahatçylara çig we kakadylan et, gaýnadylan süýt, bişirilmedik ýumurtga getirmek gadagan edilýär. Islandiýanyň milli aşhanasynda balyk we deňiz önümleri esasy orny eýeleýär. Akula etinden taýýarlanýan naharlar, leňňeç çorbasy, gaýnadylan goçuň kellesi, süýji tüwi pudingi, kremli gatyk hem-de pişme (kleinur donuts) ýurduň meşhur tagamlarydyr.**



**Islandiýa ýylyň ähli paslynda syýahatçylar üçin açykdyr. Ada ýurduna barýanlar tebigy gözellikler bilen bir hatarda, island atlaryny, polýar tilkileri we ak delfinleriň täsin hereketlerini synlap bilýärler. Islandiýa söwda we jemgyýetçilik güýmenjeleri üçin däl-de, hemme zatdan uzaklaşyp, tebigatda asuda dynç almak isleýänler üçin iň gowy ýerleriň biridir.**

## ISLANDIÝA BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Islandiýanyň 382 müňden gowrak ilaty bar. Ýurduň ilatynyň esasy bölegi «dünýäniň iň sowuk paýtagty» diýlip tanalýan Reýkýawik şäherinde ýaşaýar.
- Islandiýa Ýer togalagyndaky iň ýaş ýerleriň biridir. Mundan 1100 ýyl ozal açylan ada adamlaryň iň soňky mesgen tutan ýerleriniň biri hökmünde tanalýar.
- Ada döwletiniň ýaşaýjylary mifiki jandarlaryň (elf, troll we beýlekiler) bardygyna we her ýyl öýleri aýlanýandygyna ynanýarlar. Wikingler döwrüne degişli bu mifologik ynanç entegem dowam edýär.
- Wulkan läbigi bilen gyzdyrylan howuzlarda gyşyna suwa düşmek islandiýalylaryň ýoň bolan däpleriniň biridir. Ýurtdaky mawy lagun we açyk gök suw howuzlarynyň gyzgynlygy 37-40 dereje bolup, dünýäniň iň meşhur gyzgyn çeşmeleri hasaplanýar.



- Islandiýanyň baýdagyndaky 3 milli reňkiň öz manysy bar. Wulkan läbigi gyzyl, gar we buzluklar ak, umman bolsa gök reňkde suratlandyrylýar.
- Ýewropanyň iň uly buzlugy Islandiýada ýerleşýär. Bellenilişine görä, ýurduň tutýan meýdanynyň 11 göterimi buzluk bilen örtülendir. Buzluklar Islandiýanyň esasy gözel ýerleri bolup, 300 töweregi buzlugyň hersiniň aýratyn ady bar.
- Islendik syýahatçynyň arzuwynda demirgazyk ýşyklary görmek bar bolsa gerek. Islandiýada sentýabrdan mart aýyna çenli aralykda asmanda şugla saçýan reňkleri synlap bolýar.
- Islandiýa iki tektonik plitada ýerleşýär. Şol sebäpli adada işjeň wulkan köp.
- Islandiýalylar wulkan atylan güni çörek bişirip paýlaýarlar. Bu yrym ençeme ýyl bäri dowam edip gelýär.
- Islandiýada çaga at dakmak Günbatar dünýäsindäki ýaly däl. Bu ýurtda adamyň familiýasy kakasynyň adyndan gelip çykýar. Mysal üçin, kakasynyň ogly, kakasynyň gyzy. Şol sebäpli bu ýurtda familiýa diýen düşünje ýok.

# Ýer ýüzüniň iň gadymy derýasy

Häzirki wagtda dünýäde derýalaryň ululy-kiçili müňlerçesi bar. Iň uzyn derýa Nil derýasy bolup, iň bol suwlusy Amazonka hasaplanýar. Alymlar ýakynda häzirki wagtda Ýer ýüzünde bar bolan derýalaryň arasynda iň gadymysynyň Awstraliýadaky Finke derýasydygyny anykladylar. Bu derýanyň ýaşy 300 – 400 million ýyl töweregi diýlip çak edilýär.

Dag çeşmesiniň gelip goşulmagy bilen joşup akýan gadymy derýa birnäçe hanadan ybarat. Demirgazyk we Günorta Awstraliýanyň çäginde ýerleşýän Finkeniň uzynlygy 640 kilometre barabar. Gurakçylyk sebäpli bu derýa ýylyň köp böleginde biri-birinden üzňe suw howdanlaryna öwrülip, ýygy-ýygydan gurap galýar. Alymlar geologik maglumatlara esaslanyp, derýanyň töweregindäki çökündi gatlaklardaky we dag jynslaryndaky radionuklidleriň mukdaryny seljerdiler. Netijede, derýanyň Dewon (419-359 million ýyl ozal) ýa-da Daşkömür (359-299 million ýyl ozal) döwründe dörändigi anyklanyldy. Finke derýasy MakDonnell dag gerişlerinden gözbaş alyp, aýagy Simpson çölünde gutarýar.



Derýanyň uzak ýyllaryň dowamynda akyp durmagy sebitiň tektonik durnuklylygy we doňaklygyň bolmazlygy bilen düşündirilýär. Awstraliýadaky Finke platosy örän uzak wagtlap diýen ýaly üýtgewsiz galypdyr. Ol ýerde 100 million ýylyň dowamynda düýpli tektonik işjeňlik bolmandyr. Bu bolsa derýanyň uzak taryhy başdan geçirmegine we giňelmegine mümkinçilik beripdir.

# Dubaýda ýagty saçýan gökdirän gurlar

Soňky ýyllarda Dubaý şäheri täsin binagärlik şäher gurluşygy bilen haýran galdyrýar. Syýahatçylyk şäherinde Burj-Halifa, Burj Al-Arab, Palma Jumeýra, Emirlik diňi ýaly gökdiränler we meşhur binalar ýerleşýär. Berilýän maglumatlara görä, Dubaýyň merkezinde «Inaura» atly gökdiräni gurmak meýilleşdirilýär. Binanyň esasy aýratynlygy, onuň ýokarky gatlarynyň arasynda ýerleşjek gymmat bahaly daşa meňzeş ýagty saçýan şar bolar. Şaryň içinde «Sky Lounge» dynç alyş zolagy, daşynda bolsa klub meýdançasy ýerleşer.



Gökdiräniň beýikligi 210 metre barabar bolar. Binada ähli tarapy aýna bilen örtülen eýwanlara we gönüburçly aýna fasadlara uly orun berler. Täze binany meşhur Burj-Halifa diňinden hem synlamak bolar.

«Inaura» binasy 101 otagly myhmanhanadan, 105 sany ýaşaýyş jaýyndan, şol sanda 9 sany kaşaň «Sky Villas»-dan (Asman willalary) we jemgyýetçilik zolaklaryndan ybarat bolar. Binanyň aşaky böleginde lobbi, restoran we 3 müň inedördül metrlik üç gatly fitnes merkezi ýerleşer. Üçekde bolsa, kaşaň howuz we spa-toplumy gurlar.

Bu adaty bolmadyk binanyň taslamasy Niderlandlaryň MVRDV binagärlik býurosyna degişli bolup, gurluşyk işlerini «Dewan Architects + Engineers» kompaniýasy amala aşyrar. 40 gatly binanyň 2030-njy ýylda gurlup gutarylmagyna garaşylýar.

# Kiçijik ýük ulagy

Adatça, ýük ulaglary ullakan gabarasy bilen tapawutlanýar. Adyndan hem belli bolşy ýaly, äpet ulaglar dagmagdan känlerinde, gurluşykda we oba hojalygynda ýük daşamak üçin ulanylýar.

Ýük ulagynyň iň kiçisini ýaponlar öndürýär. «Kei-traki» diýlip atlandyrylýan kiçijik ýük ulagynyň uzynlygy 3,4 metre, ini 1,48 metre ýetýär. Agramy 700 kilogramdan geçmeýän «kei» ýük ulaglary ýangyjy tygşytly sarp edýän 660 kub santimetrlik hereketlendiriji bilen işleýär. Ýük göterijiligi 350 kilograma barabar bolan bu ýük ulagy ygtybarly bolmak bilen bir hatarda, tehniki taýdan dolandyrmakda hem aňsat hasaplanýar. Oba hojalygynda, şäherde ýük daşamak we baryp bolmajak ýerlerde işlemek üçin ulanylýan mini ýük ulaglarynyň sagatdaky tizligi 88-140 kilometre ýetýär.

4 tekeri bilelikde işleýän (4WD) «kei» ýük ulaglary «Suzuki» (Carry), «Daihatsu» (Hijet), «Honda» (Acty), «Subaru» (Sambar), «Mitsubishi» (Minicab) we «Nissan» (Clipper) ýaly kompaniýalar tarapyndan öndürilýär. Girdenek ulaglar bahasynyň arzanlygy, köpugurlylygy we barmasy kyn ýerlere ýük eltmäge amatlylygy bilen meşhurdyr. «Kei» ýük ulaglary tehniki çykdajysyz 320 müň kilometr ýol geçip bilmegi bilen tapawutlanýar. Kiçijik ýük ulaglary Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda uly islegden peýdalanylýar.



# NÄME ÜÇIN HOR ÇEKÝÄRIS?

**Köpçülik bolup bir ýerde ýatymlaýyn galmaly adamlar biri-birinden «Hor çekýäňmi?» diýip soraýarlar. Hor çekmek adaty ýagdaý ýaly görünse-de, ýakynyňdakylarda biynjalyk döredip bilýär. Hor çekmek ýygy-ýygydan duş gelýän uky meselesi bolup, horlamagyň nähili ýagdaýda, nädip emele gelýändigi hemmeler üçin gyzykly bolsa gerek. Çak edilişine görä, ululary ň 45 göterimi wagtal-wagtal, 25 göterimi yzygiderli hor çekýär. Hor çekmek saglyk bilen bagly ýagdaýmy? Eýsem, horlamagyň öňüni alyp bolýarmy?**

Horlamak dem alyş ýolunyň bölekleýin päsgelçilik, bokurdagyň çişmegi we myşsalaryň gowşamagy sebäpli ýüze çykýar. Howa ýoly petiklenip, aňsatlyk bilen dem alyp bolmaýandygy sebäpli, dem alnanda bokurdakda titreme döräp, horruldyly ses emele gelýär. Horlamak adamyň hem özüne, hem-de töweregindäkileriň dynç alşyna ep-esli täsir edýär. Hor çekýän adamda ertesi gün ýadawlyk alamatlary bilen birlikde, kellagyry, bedende käbir agyrylar ýaly alamatlar ýüze çykyp biler.



### HOR ÇEKMEGIŇ SEBÄBI NÄME?

Kadaly uklamaga päsgel berýän bu ýagdaý saglyk meselesi sebäpli ýüze çykyp biler. Adatça, horlamak agzyň we bokurdagyň gurluşyna baglylykda ösüp bilýär. Käwagt horlamak gündizki ýadawlyklar bilen bagly bolup biler. Emma dowamly hor çekmek burnuň, bokurdagyň, eňegiň gurluşy bilen bagly, dodagyň çişmegi, artykmaç agram, uky derman serişdeleri, ýürek ýetmezçiligi sebäpli ýüze çykyp biler.

### HORLAMAGYŇ ALAMATLARY

Horlamak öz-özünden döreýän wagtlaýyn alamat hasaplanýar. Ýöne bu ýagdaý uzak dowam etse, saglyk bilen bagly duýduryş bolup biler. Irden turanyňda bokurdagyň agyrmagy, dowamly ýadawlyk, gan basyşynyň üýtgäp durmagy, uklamakda kynçylyk çekmek, basyrganmak, tiz gaharlanmak hor çekilenden soňky alamatlar bolup, şeýle ýagdaýlarda lukmana ýüz tutmak maslahat berilýär. Lukmana özüňde bolup geçýän alamatlary düşündirmek, hor çekmegiň sebäbini anyklamak saglyk üçin möhümdir. Köplenç hor çekmek durmuş endikleriňi üýtgetmek we sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek arkaly bejerilýär. Has ýokary ýassykda ýatmak, berhiz saklamak, ýeňil iýmitlenmek, zyýanly endiklerden daşda durmak hor çekmegiň öňüni almaga ýardam edýär.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# ZEHINIŇI ÝÜZE ÇYKARMAGYŇ ÝOLLARY






**Her çaganyň özüne mahsus zehini bar. Zehin üstünlige ýetmegiň iň möhüm guraly bolup, ukyp-başarnygyňy kämilleşdirmäge çalyşmaly. Köpler özüniň nämeler başarýandygyny, haýsy ugurdan zehin berlendigini bilmeýär. Içiňdäki güýji daşyňa çykarmak üçin batyrgaýlyk we sabyrlylyk gerek bolýar. Meşhur adamlaryň köpüsi öz zehinini ýüze çykarmak we üstünlige ýetmek üçin birnäçe ýylyny sarp edipdirler. Mysal üçin, Kristiano Ronaldonyň çagalyk arzuwy dünýä belli futbolçy bolmakdy. Ol 15 ýaşynda maşgalasynyň güngüzeranynyň pesdigine garamazdan, maliýe we saglyk bilen bagly kynçylyklary ýeňip geçmeli boldy. Häzirki wagtda dünýäniň iň meşhur futbolçysyna öwrülen Ronaldo zehinini durmuşa geçirmek üçin köp zähmet çekdi. Her bir adam özünde bar bolan mümkinçiligi ýüze çykarmaga çagalyk ýyllaryndan başlamaly. Bilermenler zehiniňi ýüze çykarmagyň ýollary barada şeýleräk belleýärler.**

**Özüňi tanamak.** Zehiniňi ýüze çykarmagyň ilkinji ädimi özüňi tanamakdyr. Sabyrsyzlyga we wagtyň boş gitmegine sebäp bolýan ýagdaýlaryň biri nämeleri başarýandygyňy bilmezden, başga ugurlara güýmenmekdir. Ilki bilen, haýsy ugra tebigy gyzyklanmaň bardygy barada pikirlenmeli. Bu zehiniň ilkinji alamatlaryndan belli bolýar. Mysal üçin, deň-duşlaryňdan tapawutlylykda owadan surat çekmek, aýdym-saz gurnaklaryna gatnaşmak höwesi, otag güllerini idetmäge bolan isleg...

**Gyzyklanma we synanyşmak üçin batyrlyk.** Gyzyklanma zehiniňi açmaga ýardam edýän hereketlendiriji güýçdür. Haýsydyr bir ugur bilen gyzyklanýan adam synanyşýar, ýalňyşýar we ýene-de synanyşýar. Aýdym aýtmakmy, surat çekmekmi, sport ýa-da tehnologiýa bilen meşgullanmakmy – ukyp-başarnygy synanyşmazdan bilmek mümkin däl. Munuň üçin bolsa batyrgaýlyk zerur bolup durýar. Sebäbi zehin adaty endiklerden daşarda gizlenýär.

**Ýalňyşlyk goýbermekden gorkmazlyk.** Köp adam ýalňyşlyk goýbermekden gorkýandygy üçin şol zada synanyşmazdan öň ýüz öwürýär. Ýalňyşlyklar zehiniňi ýüze çykarmagyň we ösüşiň tebigy bölegidir. Ýalňyşlyk goýbermek öwrenmek, berkitmek we özleşdirmek üçin esasy zatdyr. Üstünlige ýeten adamlar ýalňyşlyklary maksat hökmünde däl-de, basgançak hökmünde görýärler. Basgançakdan ýokary galanyňda bolsa, her ädimde täze zatlary öwrenýärsiň.

**Sabyr etmek.** Zehiniňi ýüze çykarmak üçin tertipli we yzygiderli türgenleşik hem-de sabyr zerurdyr. Ylham gysga wagtlyk bolsa-da, zähmet çekmek dowamlydyr. Gysga, ýöne yzygiderli ädimler wagtyň geçmegi bilen uly özgerişi döredýär. Sabyrly adam ahyrsoňy öz maksadyna we arzuwlaryna ýetýär.

**Deň-duşlaryň goldawyny almak.** Adam köpçülik bilen taplanýar. Deň-duşlaryň pikirleri we tankydy bellikleri ukyp-başarnygyňy kämilleşdirmek üçin wajypdyr. Edilýän belliklere dogry düşünip, ýoluňy dowam etmeli. Deň-duşlaryň goldawlary we garaýyşlary nämeleri başarýandygyňa göz ýetirmäge we kämil şahsyýet bolup ýetişmäge mümkinçilik berýär.

**Ýürekden ýerine ýetirmek.** «Ýürekden çykan söz ýürege barar» diýlişi ýaly, ýürekden ýerine ýetirilen iş (sungat eseri) adamlara has içgin täsir edýär. Abraý ýa-da el çarpyşmalar üçin ýerine ýetirilen iş wagtlaýyn bolýar. Şol sebäpli zehiniňi siňdirip ýerine ýetiren işiňden lezzet almaga çalyşmaly.

**Özüň bolmak.** Zehiniňi açmagyň iň möhüm şertleriniň biri-de özüň bolmakdyr. Başgalara meňzemän, özüň bolmaga synanyşmaly. Sebäbi öýkünmek we gaýtalamak hakyky zehin däldir.

**Görelde almak.** Köpler üstünlige ýeten adamlardan görelde alyp, «Men hem başararyn» diýen ýörelgä eýerýärler. Ussatlardan ylham almak we öz ýoluňy täzeçe usullarda dowam etmek zehiniňi işjeňleşdirýär.

**Wagtyňy netijeli ulanmak.** Zehiniňi ösdürmek üçin goşmaça wagt aýyrmak zerurdyr. Yza süýşürilýän içki gyzyklanmalar we islegler wagtyň geçmegi bilen öz täsirini ýitirýär. Şol sebäpli gyzyklanýan zadyňy wagtynda ýerine ýetirmeli. Pursady elden bermeli däl. Esasy zat hem, uzak wagtlap ýerine ýetirmek däl-de, aňly-başly we ünsli çemeleşmekdir.

**Bilermenler beýlekiler bilen özüňi deňeşdirmegiň şowsuz netijelere getirýändigini we höwesiňi gaçyrýandygyny belleýärler. Durmuşda ukyp-başarnygyňa görä, öz ýoluňy saýlamak möhümdir. Saýlan hünäriňi çyn ýürekden we höwesli ýerine ýetirmek özüňi bagtly duýmaga mümkinçilik berýär. Zehiniňi ýüze çykarmak – bu ýaryş däl-de, ädimme-ädim üstünlige ýetmegiň ýoludyr.**

**Üstünlik hemraňyz bolsun!**

# TAMARILLO – agaç pomidory

**Her sebitiň özüne mahsus ösümlik dünýäsi we miweleri bar. Käbir agajyň miwesini göreniňde, oňa başga bir ösümligiň miwesi asylyp goýuldymyka diýip pikir edýärsiň. Görenleri haýran galdyrýan şeýle miweleriň biri hem tamarillo, ýagny agaç pomidorydyr.**



Tamarillo boýy 3 metrden 6 metre çenli ýetýän gyrymsy agaç bolup, ösümlikleriň «Solanaceae» maşgalasyna degişlidir. Ata Watany Günorta Amerika hasaplanýan bu agaç owadan ak-gülgün gülleri, mahmala meňzeş ýürek şekilli ýapraklary bilen tapawutlanýar. 2 ýyldan miwe berip başlaýan bu agajyň hasyllylygy 5-6 ýyl dowam edýär. Tropik howa şertlerinde ösýän bu agaç pomidora meňzeş gyzylymtyl miwe berýär. Ýumurtga şekilli süýnmek miwäniň ulylygy 10 santimetre çenli ýetýär. Bişmedik pomidora meňzeş tagamy bolan miwäniň gyrmyzy, sary we mämişi reňkdäki görnüşleri bar. Agaç pomidory gabygy gaty we galyň bolandygy sebäpli, ardylyp iýilýär. Pomidoryňka meňzeş kiçijik çigitleri bolan tamarillonyň miwesi oktýabr we noýabr aýlarynda ýetişýär.



Ilkibaşda «tomate de arbol» diýlip atlandyrylan miweli agaja täze zelandiýalylar «tamarillo» diýip at berýärler. Sebäbi Täze Zelandiýada tamarillonyň häzirki görnüşi – gyzyl miwe berýän görnüşi döredilýär. 1930-njy ýyllarda köpçülikleýin satuwy başlanan bu miwe Täze Zelandiýa, Ekwador, Kolumbiýa, Awstraliýa ýaly ýurtlarda köp ösdürilip ýetişdirilýär. Agaç pomidory terligine iýilmek bilen bir hatarda, işdäaçarlara, çorba goşulýar. Şeýle hem, bu miweden şerbetler taýýarlanylýar we süýjüliklere goşulýar. Tamarillo witaminlere (C, A, kalsiý) baý bolup, howanyň sowuk günleri has köp iýilýär.

# 3 ýürekli deňiz jandary

Tebigatda beden gurluşy we ýaşaýyş aýratynlygy bilen tapawutlanýan janly-jandarlaryň birnäçesi duş gelýär. Alymlar osminogyň Ýer ýüzündäki iň täsin jandarlaryň biridigini belleýärler. Deňizlerde ýaşaýan sekiz aýakly osminogyň üç ýüreginiň bolmagy hemmeleri haýran galdyrýar. Suwasty dünýäniň iň çydamly ýaşaýjysy hasaplanýan osminog çeýe beden gurluşyna eýedir. Ýörite gan aýlanyş ulgamy bolan osminog oňurgasyzlar toparyna degişlidir. Osminoglar suwuň aşagynda dem alýandygy sebäpli ýürekleriniň hersi bir işi (kislorody özleşdirmek, kislorody içki beden agzalaryna çalt paýlamak we gan aýlanyşyny üpjün etmek) ýerine ýetirýär. Alymlaryň bellemegine görä, bu jandaryň gany gök reňkde bolýar.



Osminogyň üç ýürekli gan aýlanyş ulgamy deňziň aşa çuň ýerlerinde dem almaga, çaltlyk bilen aw awlamaga we ýyrtyjylardan gaçmaga ýardam edýär. Ullakan gözli bu jandaryň ýene bir aýratynlygy dokuz sany beýnisiniň bolmagydyr. Biri merkezi beýni bolup, sekizisi aýaklarynyň ujunda ýerleşýär. Bu jandar hem edil hameleon ýaly 30 millisekundyň içinde derisiniň reňkini we gurluşyny üýtgedip bilýär. Osminoglar sagatda 40 kilometr tizlik bilen ýüzüp bilýärler. 3 ýyla çenli ýaşaýan bu jandar 330 million ýyldan gowrak wagt bäri deňizlerde ýaşaýar. Osminoglar biynjalyk bolanda öz aýaklaryny iýip bilýärler. Sekiz aýakly jandar diňe duzly suwda ýaşap bilýär. Bu jandarlar mollýuska, leňňeç we ownuk balyklar bilen iýmitlenýärler.

## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## 7 tapawudy tapyň!



## Gyzykly pursat



## 4-nji SKANWORD




## 7-nji KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** «Baý aşyny ... gysganar» (nakyl). **2.** Tebigy bolmadyk, ýasalan. **4.** Ýylan. **5.** Zürýat. **6.** Bir işiň dogrulygyna göz ýetirmek üçin geçirilýän derňew. **7.** San. **8.** Işýakmaz. **9.** Balyk tutmak üçin örülen enjam. **14.** Taryhda ömrüni at üstünde geçiren Teýmirleňiň adyndaky «leň» sözüniň manysy. **16.** «Ýykyljak ... kyrk gün öňünden jyggyldar» (nakyl). **18.** Daýhan birleşikleriň hem-de obanyň ýerli häkimi. **19.** Fransuz dilinden terjime edilende «gürlemek» diýen manyny aňladýan syýasy palata. **21.** Paýtagty Oslo bolan döwlet. **22.** Kazyýet işinde günä bildirilýäni aklaýan hukukçy. **23.** Kebelek. **25.** Hemişekisi ýaly bolup duran. **26.** Gözbaş, başlangyç. **31.** Adamlarda we haýwanlarda ýokanç kesel ýaýradyjy. **32.** Süýümden işilen ýogyn ýüp. **34.** Damja. **37.** Töhmet. **38.** Düýe. **40.** Galla salynýan gap. **41.** «Ädikçiden ... boýy gaç, demirçiden golça boýy» (nakyl). **43.** «Dagy-daşy ... bozar, adam arasyny – dil» (nakyl). **45.** Serkerde şahyr Seýitnazar Seýdiniň doglan obasy. **46.** Şöhrat, dabara. **47.** Gawundan taýýarlanylýan azyk önümi.

**KESELIGINE:** **3.** «... näme diýmez, düýşe näme girmez» (nakyl). **8.** Gaçyp galmak, gürüm-jürüm bolmak. **10.** Gyz ady. **11.** Aktýoryň janlandyrýan keşbi. **12.** Ownuk bolmadyk. **13.** Radiotolkunlar arkaly giňişlikdäki zatlaryň ýerleşýän ýerini anyklamak we ulaglaryň tizligini kesgitlemek üçin ulanylýan enjam. **14.** Zenan, gelin. **15.** Bir zat hakynda hat üsti bilen edilýän haýyşnama. **17.** Çaganyň tenine örýän gara örgün keseli. **19.** Günorta Aziýada bir döwlet. **20.** Gawunyň görnüşi. **24.** ...-kanun. **26.** «... eziz, edebi ondan hem eziz» (nakyl). **27.** Hökmürowanlyk, hökümdarlyk. **28.** Iki tarapy ylalaşdyryjy, geňeşdar, töwellaçy. **29.** Uruş, jeň. **30.** Miras bölünişigi. **32.** Mukdar san. **33.** Un elenýän gural. **35.** Söwda-satykdan, täjirçilikden we ş.m. haýyr, peýda görmek üçin meşgullanýan, önüm öndürýän adam. **36.** Paýtagty Wena bolan döwlet. **37.** Ýewropada bir döwlet. **39.** Nesýä goýman berilýän pul. **41.** Guýydan suw çekmek üçin hamdan edilen gap. **42.** Himiki element. **44.** Frontyň yz tarapy. **46.** Daýhançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanýan ilatly ýer. **47.** Hat gatnadyjy, çapar. **48.** Oglan ady. **49.** Şahsy eýeçilikdäki ownuk mallaryň sürüsi.

6-njy krosswordyň jogaby:



3-nji skanwordyň jogaby:



**Maksat NIÝAZOW,**
*Kaka etrabyndaky iňlis dili dersine ýöriteleşdirilen 26-njy orta mekdebiň informatika mugallymy.*



Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# BARY-ÝOGY 11 UTUK ARATAPAWUT BAR

Ýewropanyň futboldaky ortatap döwletleriniň biri-de Polşa bolup, bu ýurduň çempionaty «Ekstraklasa» diýlip atlandyrylýar. 100-nji ýubileý möwsüminde çempionlyk ugrunda özboluşly ýiti göreş, beýleki çempionatlaryňka meňzemeýän ýagdaý dowam edýär. Häzirki wagtda köp çempionatda möwsümiň ýarysyndan köpüsi tamamlanyp, möwsümiň galan tapgyrlarynda haýsy klublaryň çempionlyk ugrunda, haýsy klublaryň Ýewrokuboklar ugrunda, haýsy klublaryň ligada galmak üçin göreş alyp barjakdygy belli diýen ýaly. Ýöne häzirki wagtda möwsümiň deň ýarysy tamamlanan Polşanyň çempionaty üçin ýagdaý beýle däl.

Mysal üçin, futbolyň öňdebaryjy ýurtlarynda Angliýada, Ispaniýada, Italiýada, Germaniýada, Fransiýada sanawyň lideri bilen iň aşaky orunda barýan toparyň arasynda 30-dan, hatda 40-dan köp utuk aratapawudy bar. Başgaça aýdylanda, çempionatlaryň köpüsinde çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan toparlar ep-esli öňe saýlanyp, arany açmagy başarýarlar. Ýöne Polşanyň çempionatynda welin ýagdaý düýpgöter üýtgeşik bolup, çempionatyň lideri «Wisla Ploska» bilen 18-nji ýerde barýan «Bruk-Bet Termalika» toparynyň arasynda 11 utuk aratapawut bar.




18 klubuň çykyş edýän çempionatynda 1-2-nji ýerlerdäki toparlaryň «Wisla Plosk» bilen «Gurnik Zabženiň» utuklary deň bolup, 3-4-nji ýerlerdäki toparlar «Ýagelloniýa» bilen «Rakuw» 29 utuk toplady. Ýeňlişsiz topar bolman, öňdebaryjynyň 7, iň aşaky orunda barýan toparyň-da 5 ýeňşi bar. Iň köp gol geçiren topar Gdanskyň «Lehiýa» topary bolup, olar 37 gol geçirdiler. Mahlasy, «Ekstraklasa»-da çempionlyk ýaryşynyň iň soňky tapgyra çenli dowam etmegine garaşylýar we haýsy toparyň çempion boljakdygyny çaklamak juda kyn. Soňky 7 möwsümde 3 sany täze çempion çykaran çempionatda ýene bir toparyň ilkinji altyn medalyny baýram etmegi hem mümkin.

**Çempionatyň gysgaça taryhy**

● Polşada futbol çempionaty 1921-nji ýyldan gözbaş alyp gaýdýar. 1921-nji ýylda «Krakowiýa» topary Polşanyň ilkinji çempiony bolýar. Ondan soň «Pogon Lwow» topary yzly-yzyna 4 çempionlyk gazanyp, çempionat 1924-nji ýylda geçirilmeýär. Ýöne «Ekstraklasa», ýagny häzirki görnüşdäki liga 1926-njy ýylyň dekabrynda ýola goýulýar we «Ekstraklasa»-nyň ilkinji çempiony «Wisla Krakow» bolýar. Çempionat 1962-nji ýyla çenli kalendar senenamasy boýunça geçirilýär. Soňra häzirki ýaly möwsümleýin geçirilip başlanýar (1962/63). Çempionat 1939-njy ýylda geçirilmeýär.

Polşanyň çempionaty soňky ýyllarda täze çempionlaryň ýüze çykýan ligasy bolup, 2019-njy ýyldan bäri 3 klub özüniň ilkinji ýeňşini baýram etdi.

Umumylykda, «Ekstraklasa»-da 20 kluba çempion bolmak başardýar. Iň köp çempionlyk gazanan topar paýtagt Warşawanyň «Legiýa» klubuna degişli bolup, olaryň 15 çempionlygy bar. Şu möwsümde 38 ýyldan soň 15-nji çempionlygyna ymtylýan «Gurnik Zabže» bilen häzirki wagtda aşaky ligada çykyş edýän «Wisla Krakow» 14, soňky gezek 1989-njy ýylda çempionlyk gazanan «Ruh Hožuw» 13 gezek çempion bolmagy başardy. «Leh Poznanyň» 9, «Krakowiýanyň» 5, «Pogon Lwowyň» hem-de «Widzew Lodzuň» 4, «LKS Lodz», häzirki wagtda 2-nji ligada bolan «Poloniýa Bytom», «Poloniýa Warşawa», «Stal Meles», «Şlýonsk Wroslaw», «Warta Poznan», «Zaglembe Lýublin» toparlarynyň 2, «Garbarniýa Krakow», «Ýagelloniýa Belostok», «Pýast Gliwise», «Rakuw Çenstohowa», «Şomberki Bytom» toparlary-da 1 gezek Polşanyň çempiony diýen ady eýeledi.

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | WISLA PLOSK | 18 | 7 | 9 | 2 | 21–12 | 30 |
| 2 | GURNIK ZABŽE | 18 | 9 | 3 | 6 | 29–24 | 30 |
| 3 | ÝAGELLONIÝA | 17 | 8 | 5 | 4 | 29–21 | 29 |
| 4 | RAKUW ÇENSTOHOWA | 18 | 9 | 2 | 7 | 26–23 | 29 |
| 5 | ZAGLEMBE | 18 | 7 | 7 | 4 | 31–24 | 28 |
| 6 | KRAKOWIÝA | 18 | 7 | 6 | 5 | 25–21 | 27 |
| 7 | RADOMÝAK | 18 | 7 | 5 | 6 | 35–30 | 26 |
| 8 | LEH POZNAN | 17 | 6 | 8 | 3 | 29–26 | 26 |
| 9 | KORONA KELSE | 18 | 6 | 6 | 6 | 21–19 | 24 |
| 10 | POGON ŞEÇIN | 18 | 6 | 3 | 9 | 28–32 | 21 |
| 11 | MOTOR ÝUBLIN | 18 | 4 | 9 | 5 | 23–28 | 21 |
| 12 | ARKA GDYNÝA | 18 | 6 | 3 | 9 | 15–32 | 21 |
| 13 | LEHIÝA GDANSK | 18 | 7 | 4 | 7 | 37–37 | 20 |
| 14 | PÝAST GLIWISE | 17 | 5 | 5 | 7 | 19–19 | 20 |
| 15 | WIDZEW LODS | 18 | 6 | 2 | 10 | 26–28 | 20 |
| 16 | KATOWISE | 17 | 6 | 2 | 9 | 23–28 | 20 |
| 17 | LEGIÝA WARŞAWA | 18 | 4 | 7 | 7 | 19–21 | 19 |
| 18 | BRUK-BET TERMALIKA | 18 | 5 | 4 | 9 | 24–35 | 19 |

# Transfer täzelikleri

► Bosniýa we gersegowinaly 39 ýaşly hüjümçi Edin Jeko 15 ýyldan soň Germaniýa dolanyp, ol Italiýanyň «Fiorentina» toparyndan Germaniýanyň 2-nji ligasynyň wekili «Şalke 04» toparynyň düzümine goşuldy (möwsümiň ahyryna çenli). 2007-2011-nji ýyllar aralygynda «Bundesligada» «Wolfsburg» toparynda oýnan Jeko ondan soň, «Mançester Siti», «Roma», «Inter», «Fenerbahçe», «Fiorentina» toparlarynda jemi 909 oýunda 381, şol sanda milli toparda 146 duşuşykda 72 gol geçirdi.




► «Milanyň» rowaýaty ýyldyzy Paolo Maldini karýerasyny diňe bir klubda geçiren bolsa, ogly Daniel Maldini entek 25 ýaşyna-da ýetmänkä, eýýäm 6-njy kluby bilen şertnama baglaşdy. 2024-nji ýylyň tomsunda «Atalanta» transfer bolan Daniel Maldinini bergamolylar paýtagtyň «Lasio» toparyna kärendesine ugratdylar. 24 ýaşyndaky Maldini «Milanda» futbola başlap, «Spesiýa», «Empoli», «Monza» klublarynda-da oýnapdy.



► Angliýaly hüjümçi Temmi Abraham «Romadan» Türkiýäniň «Beşiktaş» klubuna ymykly transfer bolanyndan 1 gün soň «Aston Willa» toparyna geçdi. Iňlis kluby 28 ýaşyndaky hüjümçi üçin türk toparyna 21 million ýewro möçberinde töleg eder. Abraham karýerasy boýunça «Çelsi», «Bristol Siti», «Swansi Siti», «Aston Willa», «Roma», «Milan» ýaly klublaryň köýnekçesi bilen 399 oýunda 155 gol geçirdi.



► «Barselona» topary 12 ýyllyk derwezeçisi Mark-Andre ter Ştegeni «La Liganyň» başga bir topary «Žirona» möwsümiň ahyryna çenli kärendesine ugratdy. 33 ýaşyndaky germaniýaly derwezeçi «Barselonada» 12 möwsümde 423 oýunda meýdança çykdy. Germaniýanyň ýygyndysynda 44 duşuşykda oýnan Ter Ştegen «Barselonadan» öň «Borussiýa M» toparynyň köýnekçesini geýipdi.




► Italiýanyň «Atalanta» topary geçen tomusda «Atletiko Madride» transfer bolan Jakomo Raspadorini düzümine goşdy. Bergamolylar 25 ýaşyndaky hüjümçi üçin ispan toparyna 25 million ýewro berer. «Atletikoda» 15 oýunda 2 gol geçiren Raspadori «Sassuolo» hem-de «Napoli» klublarynyň düzüminde çykyş etdi.




► «Mançester Siti» kluby «Kristal Palas» toparynyň angliýaly goragçysy Mark Gehini 5,5 ýyllyk şertnama bilen 20 million funt sterlinge transfer etdi. 25 ýaşyndaky oýunçy futbola «Çelside» başlap, 2 möwsüm «Swansi Sitide» kärendesine oýnady. 2021-nji ýylyň tomsunda «Kristal Palasa» transfer bolan Gehi londonlylaryň düzüminde 188 oýunda 11 gol geçirdi. Asly kot-d'Iwuarly bolan Gehi Angliýanyň milli ýygyndysynda 26 duşuşykda meýdança çykdy.




► Italiýanyň «Roma» topary düzümine birbada 2 futbolçy goşup, paýtagtlylar iňlis kluby «Aston Willanyň» niderland hüjümçisi Donýell Malen bilen möwsümiň ahyryna çenli kärendesine şertnama baglaşdy (2 million ýewro). «Roma» Maleniň oýnundan hoşal bolsa, onda ony tomusda 25 million ýewro berip, ymykly düzümine goşar. Şeýle-de, «Roma» topary «Marselden» fransiýaly 18 ýaşyndaky hüjümçi Robinio Wazy 22 million ýewro transfer etdi. Waz italýan kluby bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy.




► «Barselona» topary «Al-Hilalda» çykyş edýän ozalky futbolçysy Žoao Kanselo bilen möwsümiň ahyryna çenli kärendesine şertnama baglaşdy. 31 ýaşyndaky oýunçy 2023/24 möwsüminde hem «Barselonada» kärendesine oýnapdy. 2024-nji ýylyň tomsunda «Al-Hilala» transfer bolan Kanselo karýerasy boýunça «Benfika», «Walensiýa», «Inter», «Ýuwentus», «Mançester Siti», «Bawariýa» ýaly yklymyň öňdebaryjy toparlarynyň köýnekçesini geýdi.




► Şwesiýaly, dünýä belli ozalky futbolçy Zlatan Ibrahimowiçiň ogly hem kakasynyň ýoluna eýerýär. 19 ýaşyndaky Maksimilian Ibrahimowiç «Milandan» «Aýaks» toparyna kärendesine geçdi. Ibrahimowiç möwsümiň ahyryna çenli «Aýaksda» oýnar. «Aýaksyň» Ibrahimowiçi tomusda 3,5 million ýewro berip, ymykly düzümine geçirmek mümkinçiligi hem bar.




► Fransiýanyň PSŽ topary ispan kluby «Barselonadan» Dro Fernandesi 6 million ýewro transfer etdi. Fransuz kluby 12-nji ýanwarda 18 ýaşan oýunçy bilen 4,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ispaniýaly winger, hüjüme golaý ýarymgoragçy täze toparynda 27-nji belgide oýnar.




# Möwsümiň ilkinji ýaryşynda «Toyota Gazoo» topary öňe saýlandy




Dünýä Ralli çempionatynyň täze möwsümine badalga berlip, 54-nji möwsümiň ilkinji ýaryşy Monakonyň Monte-Karlo şäherinde geçirildi. 17 tapgyrdan ybarat 339,15 kilometrlik ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň sürüjileri ýeňiş gazandy. Ýaryşy 4 sagat 24 minut 59 sekuntda tamamlan şwesiýaly Oliwer Solberg 1-nji orna mynasyp boldy. Bu onuň karýerasy boýunça 2-nji ýeňşidir. Ondan 51,8 sekunt yza galan «Toyota Gazoo» toparynyň uelsli sürüjisi Elfin Ewans 2-nji ýeri eýeledi. Geçen möwsümiň çempiony, fransiýaly Sebastian Ožie münberiň 3-nji basgançagyna çykmagy başardy. Ol ýaryşyň ýeňijisinden, topardaşy Solbergden 2 minut 02,1 sekunt gijä galdy.

«Hyundai Shell Mobis» toparynyň sürüjileri – fransiýaly Adrien Furma 4-nji, belgiýaly Tierri Noýwill 5-nji bolup, pellehana gelmegi başardy.

Dünýä Ralli çempionatynyň 54-nji möwsüminde jemi 14 ýaryş guralar. Möwsümiň 2-nji rallisi 12-15-nji fewral aralygynda Şwesiýanyň demirgazygynda ýerleşýän Umea şäherinde geçiriler.




# «Arsenal» utuk ýitirmegini dowam edýär

Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Arsenal» soňky 3 oýunda 7 utuk ýitirdi (2 deňlik, 1 ýeňliş). Öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýted» bilen duşuşan «Arsenal» «Emirates» stadionynda şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Çekeleşikli geçen oýunda «Ýunaýtediň» gollaryny Mbemo, Dorgu hem-de Mateus Kunýa, ýer eýeleriniň gollaryny bolsa Martines (ö.d.) bilen Merino derweze girizdi. Mankunianlar Maýkl Kerrigiň tälimçiliginde yzly-yzyna 2 güýçli garşydaşyny ýeňmegi başardy. Goragda az ýalňyşlyk goýberýän «Arsenal» 122 oýundan soň ilkinji gezek bir duşuşykda 3 gol geçirtdi. Şu möwsümde ilkinji gezek 2 gol geçirip hem ýeňiş gazanyp bilmedik «Arsenal» topary «Mançester Ýunaýtedden» 2017-nji ýyldan bäri birinji sapar asgyn geldi. «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Wulwerhemptondan» Marmuş hem-de Semenýonyň gollary esasynda üstün çykdy. «Aston Willa» hem şol hasap bilen myhmançylykda «Nýukasly» ýeňmegiň hötdesinden geldi. Duşuşykda gollary Buendia bilen Watkins derwezeden geçirdi. London derbisinde «Çelsiniň» myhmançylykda «Kristal Palasy» 3–1 hasabynda ýeňen tapgyrynda «Liwerpul» 90+5-nji minutda ýeňlişe sezewar boldy. «Bornmutdan» 3–2 hasabynda asgyn gelen soňky çempiona «Liwerpula» Wan Deýk bilen Soboslainiň gollary ýeňşe ýetmedi.

# «Bawariýa» ahyry ýeňildi

Germaniýanyň çempionaty «Bundesligada» 19-njy tapgyrda garaşylmadyk netije hasaba alyndy. Çempionatda ýeňlişsiz gelýän sanawyň lideri «Bawariýa» topary Bawariýa welaýat derbisinde bu derejesini ýitirdi. Öz meýdançasynda «Augsburgy» kabul eden münhenliler 2–1 hasabynda asgyn geldi. Oýnuň 23-nji minutynda ýer eýeleri Hiroko Itonyň goly bilen 1–0 hasabynda öňe saýlandy. 2-nji goly geçirmekde kynçylyk çeken «Bawariýa» soňky 15 minutda derwezesini goramak başartmady. Duşuşygyň 75-nji minutynda Artur Çawes hasaby deňlese, 81-nji minutda Han-Noa Massenga «Augsburgy» öňe çykardy. Galan minutlarda-da münhenlilere hasaby deňlemek ýa-da üstün çykmak başartmady. Şunlukda, 2–1 hasabynda asgyn gelen «Bawariýanyň» çempionatdaky ýeňlişsiz ýörişi tamamlandy. «Bawariýa» çempionatda 27 oýundan soň utuldy. Olar soňky gezek geçen möwsümde, 8-nji martda öz meýdançasynda «Bohumdan» 3–2 hasabynda ýeňlipdi. «Augsburg» topary 2014-nji ýylda-da «Bawariýanyň» çempionatda 53 oýunlyk ýeňlişsiz seriýasyna 1–0 hasabynda ýeňmek bilen soňky nokady goýupdy.



# Endrigiň het-trigi

Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri üýtgäp, «Oserden» Barkolanyň ýeke-täk goly bilen üstün çykan PSŽ 1-nji orna beýgeldi. Ozalky lider «Lans» myhmançylykda 3-nji hatarda barýan «Marselden» 3–1 hasabynda utuldy. Oýunda ýer eýeleriniň gollaryny Guiri (2) bilen Nwaneri öz atlaryna ýazdyrdylar. Dowam edýän gyşky transfer möwsüminiň ilkinji günlerinde «Real Madridden» «Liona» kärendesine geçen braziliýaly hüjümçi Endrik täze klubundaky ilkinji het-trigini etmegi başardy. Ol «Lionyň» myhmançylykda «Metsi» ýeňen duşuşygynda 11-nji, 45+1-nji hem-de 87-nji (p) minutlarda tapawutlandy. Fransiýanyň çempionatynda 9 oýnuň 6-synda myhmanlar ýeňiş gazandy.






**30-njy ýanwar (anna)**
- Al-Holud – Al-Nassr (22:30)
- Lans – Le Hawr (00:45)
- Lasio – Jenoa (00:45)

**31-nji ýanwar (şenbe)**
- Aýntraht – Baýer (19:30)
- **Lids – Arsenal (20:00)**
- Osasuna – Wilýarreal (20:15)
- Pariž – Marsel (21:00)
- Napoli – Fiorentina (22:00)
- Çelsi – West Ham (22:30)
- Hamburg – Bawariýa (22:30)
- Lewante – Atletiko (22:30)
- **Liwerpul – Nýukasl (01:00)**
- Elçe – Barselona (01:00)

**1-nji fewral (ýekşenbe)**
- **Real Madrid – R. Wallekano (18:00)**
- **PSW – Feýenoord (18:30)**
- Man. Ýunaýted – Fulham (19:00)
- Aston Willa – Brentford (19:00)
- Lion – Lill (19:00)
- **Tottenham – Man. Siti (21:30)**
- Borussiýa D – Haýdenhaým (21:30)
- Kremoneze – Inter (22:00)
- Parma – Ýuwentus (00:45)
- Strasbur – PSŽ (00:45)
- Atletik – R. Sosiedad (01:00)

**2-nji fewral (duşenbe)**
- Al-Riýad – Al-Nassr (20:15)
- **Al-Hilal – Al-Ahli (22:30)**
- Udineze – Roma (00:45)

**3-nji fewral (sişenbe)**
- Bolonýa – Milan (00:45)
- **Arsenal – Çelsi (01:00)**
- Albasete – Barselona (01:00)

**4-nji fewral (çarşenbe)**
- **Man. Siti – Nýukasl (01:00)**

## PREMIER LEAGUE (23) — 33 gol

**West Ham—Sanderland: 3–1** (Sammerwill 14, Bowen 28 p, Fernandeş 43 — Brobbi 66), **Börnli—Tottenham: 2–2** (Tuanzebe 45, Foster 76 — Wan de Wen 38, Romero 90), **Man. Siti—Wuwerhempton: 2–0** (Marmuş 6, Semenýo 45+2), **Fulham—Braýton: 2–1** (Çukwueze 72, Wilson 90+2 — Aýýari 28), **Bornmut—Liwerpul: 3–2** (Ewanilson 28, Himenes 33, Adli 90+5 — Wan Deýk 45, Soboslai 80), **Brentford—N. Forest: 0–2** (Žesus 12, Awonýi 80), **K. Palas—Çelsi: 1–3** (Riçards 88 — Estewao 34, Žoao Pedro 50, Fernandes 64 p), **Nýukasl—Aston Willa: 0–2** (Buendia 19, Watkins 88), **Arsenal—M. Ýunaýted: 2–3** (Martines 29 ö.d., Merino 84 — Mbemo 37, Dorgu 51, Mateus Kunýa 87), **Ewerton—Lids: 1–1** (Berri 76 — Jastin 28)

## LA LIGA (21) — 34 gol

**Lewante—Elçe: 3–2** (Martines 50, De la Fuenta 68, Matturro 90+6 — Rodriges 11, Boaýýar 90+2), **R. Wallekano—Osasuna: 1–3** (Siss 59 — Budimir 29, Wertroud 90+1 ö.d., Osambela 90+4), **Walensiýa—Espanýol: 3–2** (Duro 15, Jömert 59, Ramazani 90+4 p — Terrats 54, Kopete 79 ö.d.), **Sewilýa—Atletik: 2–1** (Fernandes 42, Adams 56 p — Nawarro 40), **Wilýarreal—Real Madrid: 0–2** (Mbappe 47, 90+4 p), **Atletiko—Malýorka: 3–0** (Sörlot 22, Dewid Lopes 75 ö.d., Almada 87), **Barselona—Owiedo: 3–0** (Olmo 52, Rafinýa 57, Ýamal 73), **R. Sosiedad—Selta: 3–1** (Oýarzabal 17, 75, Mendes 90+6 p — Iglesias 72), **Alawes—Betis: 2–1** (Wisente 3, Martines 47 — Ezzalzuli 90+5), **Žirona—Hetafe: 1–1** (Reýs 90+4 – Waskes 59)

## SERIE A (22) — 36 gol

**Inter—Pisa: 6–2** (Zelinski 39 p, Martines 41, Espozito 45+2, Dimarko 32, Bonni 86, Mhitarýan 90+3 — Moreo 11, 23), **Komo—Torino: 6–0** (Duwikas 8, 66, Baturina 16, Da Kunýa 59 p, Kün 70, Kakre 76), **Fiorentina—Kaliari: 1–2** (Breşianini 74 — Kylyçsoý 31, Palestra 47), **Leçce—Lasio: 0–0, Sassuolo—Kremoneze: 1–0** (Fadera 3), **Atalanta—Parma: 4–0** (Skamakka 15 p, De Roon 24, Raspadori 73, Krstowiç 90+3), **Jenoa—Bolonýa: 3–2** (Malinowski 62, Ekuban 78, Messias 90+1 — Ferguson 35, Otoa 47 ö.d.), **Ýuwentus—Napoli: 3–0** (Dewid 22, Ýyldyz 77, Kostiç 86), **Roma—Milan: 1–1** (Pellegrini 74 p — De Winter 62), **Werona—Udineze: 1–3** (Orban 26 — Atta 23, Zanoli 58, Dewis 67)

## BUNDESLIGA (19) — 24 gol

**Sankt-Pauli—Hamburg: 0–0, Haýdenhaým— Leipsig: 0–3** (Baku 62, Nusa 68, Raum 70), **Maýns—Wolfsburg: 3–1** (Tits 68, Bell 73, Amiri 83 p — Amura 3), **Baýer—Werder: 1–0** (Lukas Waskes 37), **Bawariýa—Augsburg: 1–2** (Ito 23 — Çawes 75, Massengo 81), **Aýntraht—Hoffenhaým: 1–3** (Kalimuendo 18 — Moerştedt 52, Kabak 60, Amenda 65 ö.d.), **Union Berlin—Borussiýa D: 0–3** (Jan 10 p, Şlotterbek 53, Baýer 84), **Borussiýa M—Ştutgart: 0–3** (Leweling 30, Skalli 67 ö.d., Undaw 74), **Fraýburg—Köln: 2–1** (Şerhant 11, Matanowiç 44 — Rozenfelder 10 ö.d.)

## LIGUE 1 (19) — 26 gol

**Oser—PSŽ: 0–1** (Barkola 79), **Renn—Loriýan: 0–2** (Mekengo 3, Paži 77), **Le Hawr—Monako: 0–0, Marsel—Lans: 3–1** (Guiri 3, 75, Nwaneri 13 — Fofana 85), **Nant—Nissa: 1–4** (Mohamed 45+2 — Şo 16, 29, Diop 40, Luşe 90+3), **Pariž—Anže: 0–0, Mets—Lion: 2–5** (Kuao 34, Diallo 64 — Endrik 11, 45+1, 87 p, Kluiwert 16, Morton 32), **Brest—Tuluza: 0–2** (Diop 27, Gboo 43), **Lill—Strasbur: 1–4** (Fernandes-Pardo 90+3 — Paniçelli 25, Enkiso 26, Godo 58, 72)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 23 | 15 | 5 | 3 | 42-17 | 50 |
| 2 | MAN. SITI | 23 | 14 | 4 | 5 | 47-21 | 46 |
| 3 | ASTON WILLA | 23 | 14 | 4 | 5 | 35-25 | 46 |
| 4 | M. ÝUNAÝTED | 23 | 10 | 8 | 5 | 41-34 | 38 |
| 5 | ÇELSI | 23 | 10 | 7 | 6 | 39-25 | 37 |
| 6 | LIWERPUL | 23 | 10 | 6 | 7 | 35-32 | 36 |
| 7 | FULHAM | 23 | 10 | 4 | 9 | 32-32 | 34 |
| 8 | BRENTFORD | 23 | 10 | 3 | 10 | 35-32 | 33 |
| 9 | NÝUKASL | 23 | 9 | 6 | 8 | 32-29 | 33 |
| 10 | EWERTON | 23 | 9 | 6 | 8 | 25-26 | 33 |
| 11 | SANDERLAND | 23 | 8 | 9 | 6 | 24-26 | 33 |
| 12 | BRAÝTON | 23 | 7 | 9 | 7 | 33-31 | 30 |
| 13 | BORNMUT | 23 | 7 | 9 | 7 | 38-43 | 30 |
| 14 | TOTTENHAM | 23 | 7 | 7 | 9 | 33-31 | 28 |
| 15 | KRISTAL PALAS | 23 | 7 | 7 | 9 | 24-28 | 28 |
| 16 | LIDS | 23 | 6 | 8 | 9 | 31-38 | 26 |
| 17 | N. FOREST | 23 | 7 | 4 | 12 | 23-34 | 25 |
| 18 | WEST HAM | 23 | 5 | 5 | 13 | 27-45 | 20 |
| 19 | BÖRNLI | 23 | 3 | 6 | 14 | 25-44 | 15 |
| 20 | W. HEMPTON | 23 | 1 | 5 | 17 | 15-43 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 20 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 16 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Man. Siti) | 11 |
| 4 | Dominik KALWERT-LÝUWIN (Lids) | 9 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 8 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 21 | 17 | 1 | 3 | 57-22 | 52 |
| 2 | REAL MADRID | 21 | 16 | 3 | 2 | 45-17 | 51 |
| 3 | ATLETIKO M | 21 | 13 | 5 | 3 | 38-17 | 44 |
| 4 | WILÝARREAL | 20 | 13 | 2 | 5 | 37-21 | 41 |
| 5 | ESPANÝOL | 21 | 10 | 4 | 7 | 25-25 | 34 |
| 6 | BETIS | 21 | 8 | 8 | 5 | 34-27 | 32 |
| 7 | SELTA | 21 | 8 | 8 | 5 | 29-23 | 32 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 21 | 7 | 6 | 8 | 29-29 | 27 |
| 9 | ŽIRONA | 21 | 6 | 7 | 8 | 21-35 | 25 |
| 10 | OSASUNA | 21 | 7 | 4 | 10 | 24-25 | 25 |
| 11 | ELÇE | 21 | 5 | 9 | 7 | 29-29 | 24 |
| 12 | SEWILÝA | 21 | 7 | 3 | 11 | 28-33 | 24 |
| 13 | ATLETIK B | 21 | 7 | 3 | 11 | 20-30 | 24 |
| 14 | WALENSIÝA | 21 | 5 | 8 | 8 | 22-33 | 23 |
| 15 | ALAWES | 21 | 6 | 4 | 11 | 18-26 | 22 |
| 16 | R. WALLEKANO | 21 | 5 | 7 | 9 | 17-28 | 22 |
| 17 | HETAFE | 21 | 6 | 4 | 11 | 16-27 | 22 |
| 18 | MALÝORKA | 21 | 5 | 6 | 10 | 24-33 | 21 |
| 19 | LEWANTE | 20 | 4 | 5 | 11 | 24-34 | 17 |
| 20 | OWIEDO | 21 | 2 | 7 | 12 | 11–34 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 21 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 14 |
| 3 | Ferran TORRES (Barselona) | 11 |
| 4 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 9 |
| 5 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 9 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 22 | 17 | 1 | 4 | 50-19 | 52 |
| 2 | MILAN | 22 | 13 | 8 | 1 | 35-17 | 47 |
| 3 | NAPOLI | 22 | 13 | 4 | 5 | 31-20 | 43 |
| 4 | ROMA | 22 | 14 | 1 | 7 | 27-13 | 43 |
| 5 | ÝUWENTUS | 22 | 12 | 6 | 4 | 35-17 | 42 |
| 6 | KOMO | 22 | 11 | 7 | 4 | 37-16 | 40 |
| 7 | ATALANTA | 22 | 9 | 8 | 5 | 30-20 | 35 |
| 8 | BOLONÝA | 22 | 8 | 6 | 8 | 32-27 | 30 |
| 9 | LASIO | 22 | 7 | 8 | 7 | 21-19 | 29 |
| 10 | UDINEZE | 22 | 8 | 5 | 9 | 25-34 | 29 |
| 11 | SASSUOLO | 22 | 7 | 5 | 10 | 24-28 | 26 |
| 12 | KALIARI | 22 | 6 | 7 | 9 | 24-31 | 25 |
| 13 | JENOA | 22 | 5 | 8 | 9 | 25-31 | 23 |
| 14 | KREMONEZE | 22 | 5 | 8 | 9 | 20-29 | 23 |
| 15 | PARMA | 22 | 5 | 8 | 9 | 14-26 | 23 |
| 16 | TORINO | 22 | 6 | 5 | 11 | 21-40 | 23 |
| 17 | LEÇÇE | 22 | 4 | 6 | 12 | 13-29 | 18 |
| 18 | FIORENTINA | 22 | 3 | 8 | 11 | 24-34 | 17 |
| 19 | PISA | 22 | 1 | 11 | 10 | 18-37 | 14 |
| 20 | WERONA | 22 | 2 | 8 | 12 | 18-37 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 12 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 3 | Niko PAZ (Komo) | 8 |
| 4 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 8 |
| 5 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 8 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 19 | 16 | 2 | 1 | 72-16 | 50 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 19 | 12 | 6 | 1 | 38-17 | 42 |
| 3 | HOFFENHAÝM | 19 | 12 | 3 | 4 | 40-22 | 39 |
| 4 | LEIPSIG | 19 | 11 | 3 | 5 | 37-25 | 36 |
| 5 | ŞTUTGART | 19 | 11 | 3 | 5 | 36-26 | 36 |
| 6 | BAÝER | 18 | 10 | 2 | 6 | 35-25 | 32 |
| 7 | FRAÝBURG | 19 | 7 | 6 | 6 | 31-32 | 27 |
| 8 | AÝNTRAHT | 19 | 7 | 6 | 6 | 39-42 | 27 |
| 9 | UNION BERLIN | 19 | 6 | 6 | 7 | 24-30 | 24 |
| 10 | KÖLN | 19 | 5 | 5 | 9 | 28-32 | 20 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 19 | 5 | 5 | 9 | 23-32 | 20 |
| 12 | WOLFSBURG | 19 | 5 | 4 | 10 | 28-41 | 19 |
| 13 | AUGSBURG | 19 | 5 | 4 | 10 | 22-36 | 19 |
| 14 | HAMBURG | 18 | 4 | 6 | 8 | 17-27 | 18 |
| 15 | WERDER | 19 | 4 | 6 | 9 | 21-37 | 18 |
| 16 | MAÝNS | 19 | 3 | 6 | 10 | 21-32 | 15 |
| 17 | SANKT-PAULI | 19 | 3 | 5 | 11 | 17-32 | 14 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 19 | 3 | 4 | 12 | 17-42 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 21 |
| 2 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 11 |
| 3 | Maýkl OLISE (Bawariýa) | 10 |
| 4 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 9 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 9 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 19 | 14 | 3 | 2 | 41-15 | 45 |
| 2 | LANS | 19 | 14 | 1 | 4 | 33-16 | 43 |
| 3 | MARSEL | 19 | 12 | 2 | 5 | 44-20 | 38 |
| 4 | LION | 19 | 11 | 3 | 5 | 32-20 | 36 |
| 5 | LILL | 19 | 10 | 2 | 7 | 34-29 | 32 |
| 6 | RENN | 19 | 8 | 7 | 4 | 30-27 | 31 |
| 7 | STRASBUR | 19 | 9 | 3 | 7 | 32-23 | 30 |
| 8 | TULUZA | 19 | 8 | 5 | 6 | 31-23 | 29 |
| 9 | LORIÝAN | 19 | 6 | 7 | 6 | 25-30 | 25 |
| 10 | MONAKO | 19 | 7 | 3 | 9 | 28-33 | 24 |
| 11 | ANŽE | 19 | 6 | 5 | 8 | 20-25 | 23 |
| 12 | BREST | 19 | 6 | 4 | 9 | 24-31 | 22 |
| 13 | NISSA | 19 | 6 | 3 | 10 | 25-36 | 21 |
| 14 | PARIŽ | 19 | 5 | 5 | 9 | 24-32 | 20 |
| 15 | LE HAWR | 19 | 4 | 8 | 7 | 16-24 | 20 |
| 16 | NANT | 19 | 3 | 5 | 11 | 18-34 | 14 |
| 17 | OSER | 19 | 3 | 3 | 13 | 14-29 | 12 |
| 18 | METS | 19 | 3 | 3 | 13 | 21-45 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 12 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 11 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 9 |
| 4 | Pawel ŞULS (Lion) | 8 |
| 5 | Wesli SAID (Lans) | 8 |

# «Inter» 2 gol geçirdip, 6 gol geçirdi

Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynd «Pisa» topary bilen duşuşdy. Duşuşykda myhmanlar Moreonyň 11-nji we 23-nji minutdaky gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne «Interiň» bu 2 gola jogaby myhmanlar üçin gaty agyr boldy. 1-nji ýarym tamamlanmanka, soňky 7 minutda öňe geçmegi başaran «Inter» 2-nji ýarymda-da 3 gol geçirip,



6–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. 2-nji ýerdäki «Milan» paýtagtda «Romanyň» myhmany bolup, öňe geçen duşuşygynda üstünligini saklap bilmedi we oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Tapgyryň ýene bir esasy duşuşygynda «Ýuwentus» topary öz meýdançasynda soňky çempion «Napoliniň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Iki meşhur tälimçiniň ozalky klublaryna garşy geçiren duşuşygynda turinlileriň gollaryny Jonatan Dewid, Kenan Ýyldyz hem-de Filip Kostiç öz atlaryna ýazdyrdy. Ýokarky orunlara ymtylýan «Komo» topary öz meýdançasynda «Torinony» 6–0 hasabynda utdy. Olaryň arasyndaky 1-nji duşuşykda-da «Komo» kluby 5–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň öňdebaryjylary nobatdaky ýeňişlerini gazandylar. «Barselona» öz meýdançasynda autsaýder «Owiedony» 3–0, «Real Madrid» myhmançylykda 4-nji ýerdäki «Wilýarrealy» 2–0, «Atletiko Madrid» bolsa «Malýorkany» 3–0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdiler. Duşuşyklarda «Barselonanyň» gollaryny Olmo (52), Rafinýa (57), Ýamal (73), «Realyň» gollarynyň ikisini-de Kilian Mbappe (47, 90+4 p), şeýle-de «Atletikonyň» gollaryny Sörlot (22), Dewid Lopes (75 ö.d.), Almada (87) derweze girizdi. Walensiýa şäheriniň 2 kluby hem — «Walensiýa» bilen «Lewante» bu tapgyrda öz garşydaşlaryny 90-njy minutdan soň geçiren gollary esasynda 3–2 hasabynda ýeňmegi başardy.



# Çempionlar Ligasynda liga tapgyry tamamlandy

**UEFA Çempionlar Ligasynda 2025/26 möwsüminiň liga tapgyry tamamlanyp, 1/8 finala çykanlar, pleý-offda çykyş etjekler hem-de ýaryş bilen hoşlaşanlar belli boldy. Bir wagtda başlanyp, janköýerler üçin futbol baýramçylygyna öwrülen 18 duşuşyk tamamlanýança klublaryň orunlary üýtgäp durdy. Geçirilen ýa-da geçirdilen ýeke-täk gol toparlaryň ykbalyna täsir etdi. 90-njy minutlardan soň geçirilen gollaryň saýasynda toparlaryň käbiri ýaryşda galan bolsa, käbiri-de ilkinji 8-lige düşüp bilmedi.**

**18 duşuşykda 61 gol hasaba alnyp, 7 duşuşykda myhmanlar, 9 oýunda ýer eýeleri ýeňiş gazandy. Biri golsuz 2 duşuşyk deňlikde tamamlandy. Iňlis klublarynyň 5-si ýeňiş gazanyp, diňe «Nýukasl» deňme-deň oýnady. Ispan klublaryndan diňe «Barselona» ýeňiş gazanyp, beýleki 4-si ýeňlişe sezewar boldy. Italýan toparlaryndan hem diňe «Intere» ýeňiş gazanmak başartdy.**

**Iňlis klublarynyň 5-si ilkinji 8-lige düşmegi başardy. Italiýadyr Germaniýadan, Fransiýadan 1, Ispaniýadan 2 klub ýaryş bilen hoşlaşdy. Niderland toparlarynyň 2-si üçinem ýaryş tamamlandy. Belgiýadan gatnaşýan 2 toparyň biri, şol sanda Daniýanyň, Gazagystanyň, Kipriň, Çehiýanyň şu ýaryşdaky wekilleri üçinem ýaryş wagtyndan ir gutardy.**



### 100 göterimlik üstünlik

● Öz meýdançasynda «Kairat» toparyndan hüjümçileri Gýokereş, Hawerts hem-de Martinelliniň gollary bilen 3-2 hasabynda üstün çykan «Arsenal», liga tapgyrynda ähli duşuşygynda ýeňiş gazanan ilkinji klub boldy. Duşuşykda «Kairatyň» gollaryny braziliýaly futbolçylar Žoržinio bilen Rikardinio geçirdi. «Kairat» topary şu möwsümde ýaryşyň çäginde «Arsenalyň» derwezesinden 2 gol geçiren ilkinji klub boldy.

«Monako» bilen «Ýuwentusyň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. Soňky çempion PSŽ toparyna öz meýdançasynda «Nýukasly» ýeňmek başartmady. Witinýa bilen Willokyň garşylyklaýyn geçiren gollary esasynda oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Duşuşykda Usman Dembele 11 metrlik jerime urgusyny dürs ýerine ýetirip bilmedi.

Öz meýdançasynda «Kopengageni» kabul eden «Barselona» 4-nji minutda Dadasonyň goluna çäre tapyp bilmedi. Ýöne 2-nji ýarymda ýyldyzlarynyň – Lewandowskiniň, Ýamalyň, Rafinýanyň hem-de Reşfordyň gollary esasynda 4-1 hasabynda ýeňiş gazanan «Barselona» liga tapgyryny 5-nji ýerde tamamlap, 1/8 finala çykdy.



### Derwezeçiniň goly «Benfikany» ýaryşda alyp galdy

● Lissabonda oýnalan «Benfika» bilen «Real Madridiň» arasyndaky duşuşyk çekeleşikli ýagdaýda geçdi. Ussat tälimçi Žoze Mourinio öňki klubuna garşy ýeňiş gazanmagy başardy. Ispan topary Mbappeniň goly bilen hasaby açsa-da, Mourinionyň häzirki şägirtleri Şelderupyň (36, 54) hem-de Pawlidisiň (45+5 p) gollary esasynda 3–1 hasabynda öňe saýlandy. 58-nji minutda şu möwsümdäki 41-nji goluny salan Mbappe aratapawudy azaltsa-da, 90+8-nji minutda portugal toparynyň ukrainaly derwezeçisi Anatoliý Trubiniň kelle urgusyndan geçiren goly ýer eýeleriniň sanawdaky ornuna uly täsir etdi. Ol bu ýaryşyň taryhynda gol geçiren 7-nji derwezeçi boldy. Şol goluň saýasynda «Benfika» –2 gol aratapawudy bilen pleý-offa ýollanma berýän iň soňky orny, 24-nji ýeri eýeledi. 8 oýnuň 3-sinde utulan «Real Madrid» topary ilkinji 8-lige düşüp bilmän, 9-njy orna mynasyp boldy we 1/8 finala düşmek üçin pleý-off duşuşyklaryny geçirmeli bolar.

### «Realyň» ornuna «Sporting»

● Ispaniýa bilen Portugaliýanyň klublarynyň arasyndaky başga bir oýunda «Sporting» 90-njy minutdan soň ýeňiş goluny geçirip, ýaryşy 7-nji ýer bilen tamamlamaga hukuk gazandy. Çekeleşilikli geçen oýunda ýer eýeleri Sanset hem-de Guruzetanyň gollary bilen 2 gezek öňe saýlandy. Ýöne her saparda-da myhmanlar Diomande hem-de Trinkaonyň gollary bilen hasaby deňledi. 90+4-nji minutda Alissonyň goly «Sportinge» taryhy ýeňiş getirdi. Bu gol olary 7-nji orna beýgeldip, «Real Madridi» 9-njy orna itekledi.



«Liwerpul» «Garabagy» 6–0, «Mançester Siti» bolsa «Galatasaraýy» 2-0 hasaplar bilen ýeňip, degişlilikde, 3-nji hem-de 8-nji orunlary eýelediler. «Liwerpulyň» gollaryny Mak Allister, Wirts, Salah, Ekitike hem-de Kieza, «Sitiniň» gollaryny-da Holann bilen Şerki geçirdi. Holannyň bu ýaryşdaky gollarynyň sany 49-a ýetip, ol 8-nji basgançaga beýgeldi.

### Çempionatda yzda, bu ýaryşda öňde barýar

● Milli çempionatda aşaky orunlarda barýan hem bolsa «Tottenham» Çempionlar Ligasynda taryhy netijeler gazanýar. Myhmançylykda «Aýntrahty» Kolo Muani hem-de Solankeniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Tottenham» liga tapgyryny 4-nji orunda tamamlap, 1/8 finala adyny ýazdyrdy.

Umumylykda, soňky oýunlaryny şowsuz geçirýän «Serie A»-nyň çempiony «Napoli» öz meýdançasynda häzirki tälimçisi Antonio Konteniň ozalky türgenleşdiren «Çelsi» toparyna hötde gelip bilmedi. Çempionlar Ligasyny garaşylyşyndan pes derejede geçiren «Napoli» Wergara hem-de Hýoýlunyň gollary esasynda öňe geçse-de, 2-nji ýarymda olara Žoao Pedrony saklamak başartmady. 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Çelsi» sanawy 6-njy orunda tamamlady.

Diňe «Arsenaldan» asgyn gelen «Bawariýa» myhmançylykda PSW-ni Musiala hem-de Keýniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, sanawy 2-nji ýerde tamamlady.

### Ilkinji gezek gatnaşsa-da, pleý-offa çykmagy başardy

● Ýaryşa ilkinji gezek gatnaşýan Norwegiýanyň «Bude-Glimt» topary myhmançylykda «Atletikony» ýer eýeleriniň norwegiýaly hüjümçisi Sörtlotyň goly bilen öňe geçendigine garamazdan ýeňmegi başardy. Bassyr 2-nji ýeňşini gazanan «Bude-Glimt» topary pleý-off tapgyryna çykdy. Edil şonuň ýaly, grekleriň «Olimpiakos» topary-da myhmançylykda «Aýaksy» 2–1 hasabynda ýeňip, ýaryşy dowam etdirjek toparlaryň hataryna goşulmagyň hötdesinden geldi.

### Bijeler 30-njy dekabrda çekiler

● Pleý-off tapgyrynyň bijeleri 30-njy ýanwarda çekiler. Sanawy 9-10-njy ýerlerde tamamlan toparlaryň garşydaşy 23-nji ýa-da 24-nji orundaky klublar bolar. Bije çekiliş şol usulda bolup, 1-nji duşuşyklar 17–18-nji, 2-nji duşuşyklar 24–25-nji fewralda geçiriler we ýeňiş gazanan toparlar 1/8 finala atlaryny ýazdyrarlar.

**LIGA TAPGYRYNYŇ NETIJELERI**

**1/8 FINALA ÇYKANLAR:**
Arsenal, Bawariýa, Liwerpul, Tottenham, Barselona, Çelsi, Sporting, Mançester Siti

**PLEÝ-OFF TAPGYRYNA ÇYKANLAR**
**9–16-njy ORNY EÝELÄNLER:**
Real Madrid, Inter, PSŽ, Nýukasl, Ýuwentus, Atletiko, Atalanta, Baýer
**17–24-nji ORNY EÝELÄNLER:**
Borussiýa Dortmund, Olimpiakos, Klub Brýugge, Galatasaraý, Monako, Garabag, Bude-Glimt, Benfika
**ÝARYŞDAN ÇYKANLAR:**
Marsel, Pafos, Ýunion Sent-Žilluaz, PSW, Atletik Bilbao, Napoli, Kopengagen, Aýaks, Aýntraht, Slawiýa Praga, Wilýarreal, Kairat

**IŇ KÖP GOL GEÇIRENLER:**
Kilian Mbappe (Real Madrid) – 13
Harri Keýn (Bawariýa) – 8
Erling Holann (Mançester Siti) – 7







| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | GA | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Arsenal | 8 | 8 | 0 | 0 | 23–4 | 19 | 24 |
| 2 | Bawariýa | 8 | 7 | 0 | 1 | 22–8 | 14 | 21 |
| 3 | Liwerpul | 8 | 6 | 0 | 2 | 20–8 | 12 | 18 |
| 4 | Tottenham | 8 | 5 | 2 | 1 | 17–7 | 10 | 17 |
| 5 | Barselona | 8 | 5 | 1 | 2 | 22–14 | 8 | 16 |
| 6 | Çelsi | 8 | 5 | 1 | 2 | 17–10 | 7 | 16 |
| 7 | Sporting | 8 | 5 | 1 | 2 | 17–11 | 6 | 16 |
| 8 | Mançester Siti | 8 | 5 | 1 | 2 | 15–9 | 6 | 16 |
| 9 | Real Madrid | 8 | 5 | 0 | 3 | 21–12 | 9 | 15 |
| 10 | Inter | 8 | 5 | 0 | 3 | 15–7 | 8 | 15 |
| 11 | PSŽ | 8 | 4 | 2 | 2 | 21–11 | 10 | 14 |
| 12 | Nýukasl | 8 | 4 | 2 | 2 | 17–7 | 10 | 14 |
| 13 | Ýuwentus | 8 | 3 | 4 | 1 | 14–10 | 4 | 13 |
| 14 | Atletiko Madrid | 8 | 4 | 1 | 3 | 17–15 | 2 | 13 |
| 15 | Atalanta | 8 | 4 | 1 | 3 | 10–10 | 0 | 13 |
| 16 | Baýer | 8 | 3 | 3 | 2 | 13–14 | –1 | 12 |
| 17 | Borussiýa Dortmund | 8 | 3 | 2 | 3 | 19–17 | 2 | 11 |
| 18 | Olimpiakos | 8 | 3 | 2 | 3 | 10–14 | –4 | 11 |
| 19 | Klub Brýugge | 8 | 3 | 1 | 4 | 15–17 | –2 | 10 |
| 20 | Galatasaraý | 8 | 3 | 1 | 4 | 9–11 | –2 | 10 |
| 21 | Monako | 8 | 2 | 4 | 2 | 8–14 | –6 | 10 |
| 22 | Garabag | 8 | 3 | 1 | 4 | 13–21 | –8 | 10 |
| 23 | Bude-Glimt | 8 | 2 | 3 | 3 | 14–15 | –1 | 9 |
| 24 | Benfika | 8 | 3 | 0 | 5 | 10–12 | –2 | 9 |
| 25 | Marsel | 8 | 3 | 0 | 5 | 11–14 | –3 | 9 |
| 26 | Pafos | 8 | 2 | 3 | 3 | 8–11 | –3 | 9 |
| 27 | Ýunion Sent-Žilluaz | 8 | 3 | 0 | 5 | 8–17 | –9 | 9 |
| 28 | PSW | 8 | 2 | 2 | 4 | 16–16 | 0 | 8 |
| 29 | Atletik Bilbao | 8 | 2 | 2 | 4 | 9–14 | –5 | 8 |
| 30 | Napoli | 8 | 2 | 2 | 4 | 9–15 | –6 | 8 |
| 31 | Kopengagen | 8 | 2 | 2 | 4 | 12–21 | –9 | 8 |
| 32 | Aýaks | 8 | 2 | 0 | 6 | 8–21 | –13 | 6 |
| 33 | Aýntraht | 8 | 1 | 1 | 6 | 10–21 | –11 | 4 |
| 34 | Slawiýa Praga | 8 | 0 | 3 | 5 | 5–19 | –14 | 3 |
| 35 | Wilýarreal | 8 | 0 | 1 | 7 | 5–18 | –13 | 1 |
| 36 | Kairat | 8 | 0 | 1 | 7 | 7–22 | –15 | 1 |

**AÝAKS—OLIMPIAKOS: 1–2** /Dolberg 69 p – Martins 52, Hezze 79/
**ARSENAL—KAIRAT: 3–2** /Gýokereş 3, Hawerts 15, Martinelli 36 – Žoržinio 7 p, Rikardinio 90+4/, **MONAKO—ÝUWENTUS: 0–0,**
**ATLETIK BILBAO—SPORTING: 2-3** /Sanset 3, Guruzeta 28 – Diomande 12, Trinkao 62, Alisson 90+4/
**ATLETIKO—BUDE-GLIMT: 1–2** /Sörlot 15 – Sýowold 34, Hög 59/
**BAÝER—WILÝARREAL: 3–0** /Tillman 12, 35, Grimaldo 57/
**BORUSSIÝA DORTMUND—INTER: 0-2** /Dimarko 81, Diuf 90+4/
**K. BRÝUGGE—MARSEL: 3–0** /Diakon 4, Wermant 11, Stankowiç 79/
**AÝNTRAHT—TOTTENHAM: 0–2** /Kolo Muani 47, Solanke 77/
**BARSELONA—KOPENGAGEN: 4–1** /Lewandowski 48, Ýamal 60, Rafinýa 69 p, Reşford 85 – Dadason 4/
**LIWERPUL—GARABAG: 6-0** /MakAllister 15, 61, Wirts 21, Salah 50, Ekitike 57, Kieza 90/
**MANÇESTER SITI—GALATASARAÝ: 2-0** /Holann 11, Şerki 29/
**PAFOS—SLAWIÝA 4–1** /Dragomir 17, Bruno 53, Anderson 84, Orşiç 87 – Şalupek 44/
**PARI SEN-ŽERMEN—NÝUKASL: 1-1** /Witinýa 8 – Willok 45+2/
**PSW—BAWARIÝA: 1–2** /Saibari 78 – Musiala 58, Keýn 84/
**ÝUNION SENT-ŽILLUAZ—ATALANTA: 1-0** /Halaili 70/
**BENFIKA—REAL MADRID: 4–2** /Şelderup 36, 54, Pawlidis 45+5 p, Trubin 90+8 — Mbappe 30, 58/
**NAPOLI—ÇELSI: 2–3** /Wergara 33, Hýoýlun 43 – Fernandes 19 p, Žoao Pedro 61, 82/

## SUNGAT

**Oskar baýraklarynyň ilkinji gowşuryly dabarasy 1929-njy ýylyň 16-njy maýynda geçirilip, şonda 1927-nji ýylyň ekran eserleri sylaglandy. Şol dabarada iň gowy film baýragyna «Ganatlar» (Wings) atly kino laýyk görüldi.**

## «Günäkärleriň» taryhy rekordy

**Kino sungatynyň iň uly baýragy bolan Oskar baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi.**

**98-nji Oskar baýraklarynda iň köp dalaşgärlige «Günäkärler» filmi mynasyp boldy. Gorkuly görnüşdäki film 24 ugruň 16-synda dalaşgär görkezilip, taryhy rekord goýdy. Raýan Kugleriň surata düşüren filmi Oskaryň taryhynda iň köp dalaşgärlik gazanan kino hökmünde hasaba alyndy. Mundan öňki rekord 3 filme degişlidi. 1950-nji ýylda «Iw hakynda hemme zat» (All About Eve), 1997-nji ýylda «Titanik» (Titanic) hem-de 2016-njy ýylda «La La Lend» (La La Land) filmi 14 ugurdan dalaşgär görkezilipdi.**

**«Günäkärler» kinosy iň gowy film, režissýor, aktýor, asyl ssenariý, ikinji plandaky aktýor we aktrisa ýaly esasy ugurlar bilen bir hatarda, tehniki ugurlaryň hem ählisinde diýen ýaly dalaşgärlik gazandy.**

**Pol Tomas Andersonyň surata düşüren we Leonardo DiKaprionyň baş keşpde surata düşen «Uruş üstüne uruş» filmi-de 13 ugurdan dalaşgär görkezildi. Oskarly aktýor DiKaprio karýerasy boýunça 8-nji gezek iň arzyly heýkeljik ugrunda göreşer.**

**«Frankenşteýn», «Ussat Marti», «Duýguçyllygyň gymmaty» filmleri 9, «Hamnet» 8 ugurdan dalaşgärlige hödürlendi.**

**Iň gowy aýdym ugry boýunça bassyr 9-njy, umumylykda-da 17-nji dalaşgärligini gazanan Daýan Worrene şolaryň hiç birinde-de ýeňiji bolmak miýesser etmändi. Ol 2022-nji ýylda Oskaryň hormat sylagyna laýyk görlüpdi.**

**Iň köp dalaşgärlik gazanan studiýa «Warner Bros.» bolup, «Hollywood»-yň meşhur kompaniýasy 30 dalaşgärlige eýe boldy. «Neon»-yň 18, «Netflix»-iň 16, «Focus Features»-iň 13, «A24»-iň 11 dalaşgärligi bar.**

**Ýeňijiler 15-nji martda geçiriljek dabarada belli bolar. Dabarany bassyr 2-nji gezek meşhur komediýaçy Konan O'Braýan alyp barar.**



# 98-nji Oskar baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

**IŇ GOWY FILM**
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
«Hamnet» (Hamnet)
«Günäkärler» (Sinners)
«Bugoniýa» (Bugonia)
«F1» (F1)
«Syrly jansyz» (O Agente Secreto)
«Frankenşteýn» (Frankenstein)
«Ussat Marti» (Marty Supreme)
«Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)
«Otly düýşleri» (Train Dreams)

**IŇ GOWY REŽISSÝOR**
**Pol Tomas Anderson** — «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Hloe Çžao** — «Hamnet» (Hamnet)
**Raýan Kugler** — «Günäkärler» (Sinners)
**Joş Safdi** — «Ussat Marti» (Marty Supreme)
**Ýoahim Trier** — «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)

**IŇ GOWY AKTÝOR**
**Wagner Moura** — «Syrly jansyz» (O Agente Secreto)
**Leonardo DiKaprio** — «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Timoti Şalame** — «Ussat Marti» (Marty Supreme)
**Maýkl B. Jordon** — «Günäkärler» (Sinners)
**Itan Hawke** — «Mawy Aý» (Blue Moon)

**IŇ GOWY AKTRISA**
**Jessi Bakli** — «Hamnet» (Hamnet)
**Renate Reinswe** — «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)
**Rouz Birn** — «Eger aýaklarym bolsady, seni deperdim» (If I Had Legs I'd Kick You)
**Emma Stoun** — «Bugoniýa» (Bugonia)
**Keýt Hadson** — «Ýürekden çykýan aýdym» (Song Sung Blue)

**IKINJI PLANDAKY IŇ GOWY AKTÝOR**
**Benisio del Toro** — «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Jeýkob Elordi** — «Frankenşteýn» (Frankenstein)
**Delroý Lindo** — «Günäkärler» (Sinners)
**Şon Penn** — «Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
**Stellan Skarsgard** — «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)

**IKINJI PLANDAKY IŇ GOWY AKTRISA**
**Ell Fanning** — «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)
**Inga Ibsdotter Lilleaas** — «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)
**Emi Madigan** — «Ýaraglar» (Weapons)
**Wunmu Mosaku** — «Günäkärler» (Sinners)
**Teýana Teýlor** — «Uruş üstüne uruş» (One Battle another Battle)

**IŇ GOWY ASYL SSENARIÝ**
«Mawy Aý» (Blue Moon) — Robert Kaplow
«Ýönekeý tötänlik» (Yek tasadof-e sade) — Jafar Panahi
«Ussat Marti» (Marty Supreme) — Ronald Bronstein, Joş Safdi
«Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) — Ýoahim Trier, Eskil Wogt
«Günäkärler» (Sinners) — Raýan Kugler

**IŇ GOWY ADAPTIRLENEN SSENARIÝ**
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) — Pol Tomas Anderson
«Frankenşteýn» (Frankenstein) — Gillermo del Toro
«Bugoniýa» (Bugonia) — Will Treýsi
«Hamnet» (Hamnet) — Hloe Çžao, Meggi O'Farrel
«Otly düýşleri» (Train Dreams) — Klint Bentli, Greg Kwedar

**IŇ GOWY ANIMASIÝA**
«K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters)
«Haýwanlar şäheri 2» (Zootopia 2)
«Elio» (Elio)
«Arko» (Arco)
«Kindiwanja Ameli we ýagşyň häsiýeti» (Amélie et la métaphysique des tubes)

**IŇ GOWY HALKARA FILM**
**«Syrly jansyz» (O Agente Secreto)** — portugalça — Kleber Mendonsa Filio — Braziliýa
**«Ýöne bir tötänlik» (Yek tasadof-e sade)** — parsça — Jafar Panahi — Fransiýa
**«Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)** — norwegçe — Ýoahim Trier — Norwegiýa
**«Sirat» (Sirat)** — ispança, fransuzça, arapça — Oliwer Laşe — Ispaniýa
**«Hindi Rajabyň sesi» (Shawt Hind Rajab)** — arapça — Kauter Ben Hatiýa — Tunis

**IŇ GOWY OPERATOR**
«Frankenşteýn» (Frankenstein) — Dan Laustsen
«Ussat Marti» (Marty Supreme) — Darius Hondji
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) — Maýkl Bauman
«Günäkärler» (Sinners) — Otumn Durald Arkapaw
«Otly düýşleri» (Train Dreams) — Adolfo Weloso

**IŇ GOWY KASTING**
«Hamnet» (Hamnet) – Nina Gold
«Ussat Marti» (Marty Supreme) — Jennifer Wenditti
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) — Kassandra Kulukundis
«Syrly jansyz» (O Agente Secreto) — Gabriel Dominges
«Günäkärler» (Sinners) — Fransin Maýsler

**IŇ GOWY MONTAŽ**
«F1» (F1) – Stephen Mirrione
«Ussat Marti» (Marty Supreme)
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
«Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)
«Günäkärler» (Sinners)

**IŇ GOWY ÖNÜMÇILIK BEZEGI**
«Frankenşteýn» (Frankenstein)
«Hamnet» (Hamnet)
«Ussat Marti» (Marty Supreme)
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
«Günäkärler» (Sinners)

**IŇ GOWY GRIM**
«Awatar: ot we kül» (Avatar: Fire and Ash)
«Frankenşteýn» (Frankenstein)
«Hamnet» (Hamnet)
«Ussat Marti» (Marty Supreme)
«Günäkärler» (Sinners)

**IŇ GOWY MAKIÝAŽ WE SAÇ BEZEGI**
«Frankenşteýn» (Frankenstein)
«Milli hazyna» (Kokuho)
«Günäkärler» (Sinners)
«Ýumrujy maşyn» (The Smashing Machine)
«Betnyşan öweý uýa» (The Ugly Stepsister)

**IŇ GOWY SAZ**
«Bugoniýa» (Bugonia) — Jerskin Fendrik
«Frankenşteýn» (Frankenstein) — Aleksandr Despla
«Hamnet» (Hamnet) — Maks Rihter
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another) — Jonni Grinwud
«Günäkärler» (Sinners) — Ludwig Goransson

**IŇ GOWY AÝDYM**
«Dear Me» — «Diane Warren: Relentless» — Daýan Warren
«Golden» — K-Pop şeýtan awçylary» (KPop Demon Hunters) — Ejae, Mark Sonnenblik, 24, Ido, Teddi, Iýn Eisendrat
«I Lied to You» — «Günäkärler» (Sinners) — Rafael Saadik, Ludwig Goransson
«Sweet Dreams of Joy» — «Viva Verdi!» — Nikolas Paýk
«Train Dreams» — «Otly düýşleri» (Train Dreams) – Nikk Keýw, Braýs Dessner

**IŇ GOWY SES**
«F1» (F1)
«Frankenşteýn» (Frankenstein)
«Uruş üstüne uruş» (One Battle After Another)
«Günäkärler» (Sinners)
«Sirat» (Sirat)

**IŇ GOWY WIZUAL EFFEKTLER**
«F1» (F1)
«Awatar: ot we kül» (Awatar: Fire and Ash)
«Ýura eýýamynyň dünýäsi täzeden dogluş» (Jurassic World Rebirth»
«Ýiten awtobus» (The Lost Bus)
«Günäkärler» (Sinners)

**IŇ GOWY DOKUMENTAL FILM**
«Alabama çözgüdi» (The Alabama Solution)
«Meni ýiti ýagtylykda görmäge gel» (Come See Me in the Good Light)
«Gaýalaryň arasynda» (Cutting Through Rocks)
«P-niň garşysyna jenap hiç kim» (Mr Nobody Against P.)
«Ajaýyp goňşy» (The Perfect Neighbor)

**IŇ GOWY GYSGA DOKUMENTAL FILM**
«Ähli boş otaglar» (All the Empty Rooms)
«Ýeke-täk ýaragy kamera: Brent Renonyň ömri we ölümi» (Armed Only with a Camera: The Life and Death of Brent Renaud)
«Köp çaga ýok» (Children No More: «Were and Are Gone»)
«Şeýtanyň aladasy bar» (The Devil Is Busy)
«Ajaýyp täsinlik» (Perfectly a Strangeness)

**IŇ GOWY GYSGA FILM**
«Gassabyň tagmasy» (Butcher's Stain)
«Dorotiniň dosty» (A Friend of Dorothy)
«Jeýn Osteniň döwrüniň dramasy» (Jane Austen's Period Drama)
«Aýdymçylar» (The Singers)
«Iki näsag ynsan» (Deux personnes echangeant de la salive)

**IŇ GOWY GYSGA ANIMASIÝA**
«Kebelek» (Butterfly)
«Hemişe gök öwüsýän» (Forevergreen)
«Göwher gözýaşly gyz» (The Girl Who Cried Pearls)
«Pensiýa çykmak meýilnamasy» (Retirement Plan)
«Üç aýal dogan» (The Three Sisters)